**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:**
**– HYZMATDAŞLYK, YNANYŞMAK, BIREK-BIREGE HORMAT GOÝMAK ÝÖRELGELERI TÜRKMENISTANYŇ ALYP BARÝAN HALKARA IŞINIŇ ESASYNY DÜZÝÄR.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
22-nji oktýabr, 2021. Belgisi 43/1453

# KÖPÝYLLYK HYZMATDAŞLYKLAR PUGTALANDYRYLÝAR

**19-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Lukoýl» açyk paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysy Wagit Alekperowy we «Rönesans Holding» türk kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Erman Ylyjagy kabul etdi.**



«Lukoýl» açyk paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysy milli Liderimize wagt tapyp kabul edendigi hem-de hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Russiýanyň işewür toparlarynyň, hususan-da, ýolbaşçylyk edýän nebit kompaniýasynyň ýurdumyz bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga uly gyzyklanma bildirýändigini tassyklady. Myhman şeýle hem döwlet Baştutanymyzy Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy bilen gutlady we milli Liderimize eziz Watanymyzyň hem-de mähriban halkymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan giň möçberli işlerinde täze üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz gutlag sözleri üçin minnetdarlyk bildirip, däp bolan dostlukly hem-de netijeli türkmen-rus gatnaşyklarynyň ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz Türkmenistanyň işjeň gatnaşyklar, şol sanda ýangyç-energetika toplumynda hyzmatdaşlyk üçin hemişe açykdygyny aýtdy. Şu ulgamda ägirt uly serişdeler we ykdysady kuwwatyň bardygy nygtaldy.

Duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary boýunça pikir alşyldy. Ýurdumyzyň durmuşa geçirýän toplumlaýyn energetika strategiýasy şol hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi üçin oňaýly şertleri döredýär. Nebitgaz pudagyny düýpli döwrebaplaşdyrmak, onuň ýangyç serişdelerini çykarýan hem-de gaýtadan işleýän kuwwatlyklaryny artdyrmak, maýa goýum işini höweslendirmek, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen iri düzümleýin taslamalary durmuşa geçirmek, türkmen energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna iberilýän ugurlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek şol hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary bolup durýar.

Hazar sebitiniň ýangyç serişdelerini özleşdirmek ara alyp maslahatlaşmalaryň esasy meseleleriniň biri boldy. Bu babatda hukuk kadalaryna esaslanýan ylalaşykly halkara gatnaşyklary ýola goýmak hem-de birek-biregiň bähbitlerini hormatlamak ýörelgeleri möhüm ähmiýete eýedir.

Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň ýanwar aýynda gol çekilen Hazar deňzinde «Dostluk» ýatagynyň uglewodorod serişdelerini bilelikde gözlemek, işläp geçmek hem-de özleşdirmek hakynda Türkmenistanyň we Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetleriniň arasynda özara düşünişmek baradaky Ähtnama netijeli hyzmatdaşlyk üçin täze mümkinçilikleri açýar.

Myhman hormatly Prezidentimize «Lukoýl» açyk paýdarlar jemgyýetiniň ýurdumyzda alyp barýan işleri, şol sanda Hazarda taslamalary durmuşa geçirmegiň barşy barada hasabat berip, mundan beýläk-de hyzmatdaşlyk etmäge gyzyklanma bildirýändigini ýene-de bir gezek nygtady. Kompaniýanyň ýolbaşçysy bildirilen ynam üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi hem-de russiýaly hyzmatdaşlaryň Türkmenistanda amala aşyrylýan giň möçberli pudaklaýyn maksatnamalara işjeň gatnaşmaga gyzyklanmalaryny tassyklady.

Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiziň başyny başlan öňdengörüjilikli syýasatynyň, türkmen bazarynda döredilen amatly maýa goýum ýagdaýynyň hem-de ygtybarly hukuk binýadynyň döredilmeginiň uglewodorod ýataklaryny özleşdirmek üçin daşary ýurt maýalaryny çekmäge, ugurdaş düzümiň gurluşygyna ýardam edýändigi bellenildi. «Lukoýl» açyk paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysy kompaniýanyň mundan beýläk-de öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmäge örän jogapkärli çemeleşjekdigine ynandyrdy.

Milli Liderimiz Türkmenistanyň ägirt uly energetika kuwwatyndan umumy abadançylygyň bähbidine netijeli peýdalanmaga çalyşýandygyny belläp, nebitgaz ulgamyny sanlylaşdyrmaga, pudaga ekologiýa taýdan arassa innowasion tehnologiýalary hem-de ylmy-tehniki ösüşiň iň gowy gazananlaryny ornaşdyrmaga uly ähmiýet berýändigini nygtady. Bu babatda daşary ýurtlaryň, şol sanda rus kompaniýalarynyň öňdebaryjy tejribesi netijeli ulanylyp bilner. Russiýanyň kompaniýalary bilen öňden bäri hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we «Lukoýl» açyk paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçysy Wagit Alekperow birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, özara bähbitlilik hem-de uzak möhletleýin esasda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üstünlikli dowam etdiriljekdigine ynam bildirdiler.

* * *

«Rönesans Holding» kompaniýasynyň ýolbaşçysy duşuşmaga wagt tapandygy hem-de özara söhbetdeşlikde ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygyň birnäçe wajyp ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirdi we pursatdan peýdalanyp, milli Liderimizi, ähli türkmen halkyny döwlet Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllyk senesi bilen gutlady hem-de belent halkara abraýa eýe bolan Türkmenistanyň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň belent maksatlaryna tarap mundan beýläk-de okgunly öňe gitmegini arzuw etdi.

Türkmenistanda işleýän 12 ýylynda «Rönesans Holdinge» birnäçe möhüm düzümleýin desgalaryň gurluşygy ynanyldy. Şol desgalaryň hatarynda ýapon hyzmatdaşlar bilen bilelikde durmuşa geçirilen «Marykarbamid» zawodynyň, Ahal welaýatynda tebigy gazdan sintetiki benzin öndürýän zawodyň, Çärjew etrabyndaky sebitde deňi-taýy bolmadyk elektrik stansiýasynyň taslamalary bar. Nygtalyşy ýaly, kompaniýa rowaçlyk we gülläp ösüş ýolundan ynamly barýan Türkmenistan bilen ýola goýlan hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ýokary netijelidigine tüýs ýürekden buýsanýar.

Döwlet Baştutanymyz «Rönesans Holding» kompaniýasynyň ýolbaşçysyna gutlaglary üçin minnetdarlyk bildirip, daşary ýurtlaryň öňdebaryjy işewürliginiň, şol sanda türk işewür toparlarynyň wekillerini işjeň çekmegiň Türkmenistanyň amala aşyrýan durmuş-ykdysady ösüş strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini belledi. Şol strategiýa milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmaga hem-de dünýäniň iň oňat tejribesini we öňdebaryjy tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga gönükdirilendir.

Duşuşygyň dowamynda Erman Ylyjak hormatly Prezidentimize täze taslamalaryň we teklipleriň işlenilip taýýarlanylandygy barada hasabat berip, ýola goýlan oňyn hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrmagy maksat edinýändigini aýtdy.

Milli Liderimiz uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň geljegini ara alyp maslahatlaşmak bilen baglylykda, türkmen tarapynyň esasy we hökmany talaplaryna işewüriň ünsüni çekdi. Şol talaplar gurluşygyň alnyp barlyşynyň tertibini hem-de desgalary ulanmaga tabşyrmagyň şertnamada bellenilen möhletlerini pugta berjaý etmekden ybaratdyr. Şunda hemme işleriň ýokary hil derejesinde, häzirki zaman şäher gurluşygynyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylmalydygy nygtaldy.

Işewür döwlet Baştutanymyz tarapyndan başy başlanan türkmen döwletiniň kuwwatyny we abraýyny pugtalandyrmaga gönükdirilen giň gerimli özgertmeler maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge «Rönesans Holdingiň» geljekde-de gatnaşmaga uly gyzyklanma bildirýändigini beýan edip, ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň öz üstüne alan şertnamalaýyn borçnamalaryny takyk hem-de birkemsiz ýerine ýetirmek üçin mundan beýläk-de ähli tagallalaryny etjekdigine ynandyrdy.

# Türkmen-russiýa ykdysady forumy geçirildi

**20-nji oktýabrda sanly ulgam arkaly VIII türkmen-russiýa ykdysady forumy geçirildi. Iki ýurduň Söwda-senagat edaralary tarapyndan guralan bu çäre bilelikdäki maýa goýum we önümçilik taslamalaryny ara alyp maslahatlaşmak, senagat we gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi, dokma pudagy, oba hojalygy hem-de logistika, syýahatçylyk, sanly tehnologiýalar ulgamyndaky hyzmatdaşlygy berkitmek, giňeltmek maksady bilen guraldy.**



Foruma Russiýa tarapyndan birnäçe ministrlikleriň, döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň, maliýe-bank düzümleriniň, sebitleriň söwda-senagat edaralarynyň, söwda, senagat, dokma önümçiligi, gurluşyk, elektron maglumat tehnologiýalary, maşyngurluşyk, logistika we beýleki ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen iri kompaniýalaryň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

Ýurdumyzyň ministrlikleriniň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Söwda-senagat edarasynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, eksport ugurly önümleri öndürýän kärhanalaryň, kompaniýalaryň ýolbaşçylary, hünärmenleri Türkmenistana wekilçilik etdiler.

Bu foruma gatnaşyjylaryň belleýişleri ýaly, dürli ugurlardaky bilelikdäki geljegi uly taslamalary durmuşa geçirmek, Russiýanyň işewür gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmäge gyzyklanma bildirýän birnäçe iri kompaniýalarynyň türkmen bazaryndaky ornuny pugtalandyrmak ykdysady ulgamda iki ýurduň özara gatnaşyklarynyň oňyn netije berýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Russiýa Federasiýasynyň sebitleri we iri senagat merkezleri bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary pugtalandyrmagyň Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biridigi nygtaldy. Bu gezekki foruma Russiýanyň 50-den gowrak sebitleriniň we şäherleriniň söwda-senagat edaralarynyň wekilleri gatnaşdylar. Forumyň işiniň dowamynda eksport hem-de maýa goýum kuwwatlyklaryny giňeltmegiň şertleri we onuň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň we Russiýanyň täze şertlerde maýa goýum taslamalaryna, ykdysady gatnaşyklarynyň geljekki ugurlaryna seljerme berildi.

Işewür duşuşygyň maksatnamasyna senagat we gurluşyk önümçiligi, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy, obasenagat, enjamlaryň önümçiligi, dokma önümçiligi ýaly ugurlardaky hyzmatdaşlygyň meselelerini ara alyp maslahatlaşmak girizildi.

Iki ýurduň iri kompaniýalarynyň hem-de kärhanalarynyň wekilleri ýokarda agzalan pudaklar boýunça özleriniň eksport kuwwatyny we import boýunça bildirýän gyzyklanmalaryny mälim etdiler. ■ 2



# «AK ALTYNLY» pellerde zähmet gaýnap joşýar

**Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary netijesinde ýurdumyzda uly ösüşler gazanylýar. Halk hojalygynyň ähli pudaklary bilen bir hatarda oba hojalygynda hem özgertmeler maksatnamasynyň netijesinde oňyn netijeler gazanylýar.**

**«Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda daýhan yhlasy bilen ýetişdirilen gowaça hasylyny çalt we ýitgisiz ýygnamak işi ýurdumyzyň çar künjeginde gyzgalaňly dowam edýär. Mälim bolşy ýaly, 8-nji sentýabrda ýurdumyzda pagta ýygymyna köpçülikleýin girişildi. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen Ahal, Balkan, Lebap we Mary welaýatlarynda bu möhüm oba hojalyk möwsümi badalga alyp, bir hepde yz ýanyndan toprak-howa şertlerine laýyklykda, pagta ýygymy Daşoguz welaýatynda hem başlapdy.** ■ 3

## BMG-niň biodürlüligi goramak boýunça maslahaty

■ BMG-niň biologik dürlülik baradaky konwensiýasyna (COP15) gatnaşyjylaryň XV maslahaty Hytaýyň günorta-günbataryndaky Ýunnan welaýatynyň merkezi Kunmin şäherinde geçirildi. 4

## Täsin köprüler

■ Ýer ýüzünde birnäçe asyrdan bäri ýykylman duran daşdan gurlan köprüler, derýadan gäminiň geçýän wagty açylýan we soňra ýapylýan köprüler hem bar. Şeýle köprüleriň sanawyny siziň dykgatyňyza ýetirýäris. 5

## Ösümlikler nädip hereket edýär?

■ Haýwanlar ýaly aýaklary, bogunlary, nerw ulgamy ýok hem bolsa, ösümlikler hem hereket edýär. Käbir ýabany ösümlikler köpelmek üçin tohumlaryny uzak aralyga atyp goýberýärler. 5

## Messi, Salah, Ronaldo

■ UEFA Çempionlar Ligasynda toparçadaky 3-nji duşuşyklar geçirildi. 16 duşuşykda 59 gol geçirilip, bu ýaryşyň taryhyndaky iň ýokary 3-nji görkeziji boldy. 7 topar myhmançylykda ýeňiş gazandy. 7

# HABARLAR

**20-nji oktýabrda sanly ulgam arkaly geçirilen VIII türkmen-russiýa ykdysady forumyna Russiýanyň 50-den gowrak sebitiniň we şäheriniň söwda-senagat edaralarynyň wekilleri gatnaşdy.**

## Çaga üçin iň peýdaly sport görnüşleri

Lukmanlar çagalar üçin iň peýdaly sport sanawy barada maglumat berdiler. Lukmanlaryň aýtmagyna görä, çagalar üçin iň peýdaly sport görnüşleriniň arasynda ýeňil atletika, suwda ýüzmek we beýleki galtaşmakdan uzak durulýan oýunlar bar.



Şeýle hem bilermenler çagalara woleýbol ýa-da tennis ýaly topy tordan geçirmek ýaly islendik sport bilen meşgullanmagy maslahat berýär. Bilermenler çagalaryň hepdede bir gezek tennis oýnamagynyň ýa-da hepdede bir gezek ýüzmeginiň gowy endikdigini belleýär. Şeýle endikler olaryň sagdyn bolmagyna ýardam edýär. Amerikaly alymlaryň ozal geçiren ylmy-barlaglaryna görä, ýüzmegiň adam saglygy üçin iň peýdaly sportdugy anyklandy. Sportuň bu görnüşi adam ömrüniň dowamlylygynyň ýokarlanmagyna kömek edýändigi bellenilýär.

**Muhammetmyrat BALLYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## TÜRKMEN-RUSSIÝA ykdysady forumy geçirildi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň eksport-import çärelerini kadalaşdyryjy işi bilen tanyşdyryldy.

Işewür duşuşygyň dowamynda Hazar sebitinde logistik merkez hökmünde Türkmenbaşynyň Halkara deňiz portuny we gämigurluşyk pudagyna maýa goýum mümkinçiliklerini peýdalanmak bilen baglanyşykly tekliplere garaldy.

Telekeçilik düzümleriniň derejesinde gatnaşyklary giňeltmek boýunça pikir alyşmalar boldy. Şunuň bilen baglylykda, geljekki russiýaly hyzmatdaşlar hususy işewürligi ösdürmek, daşyndan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri guramak üçin Türkmenistanda döredilen şertler bilen tanyşdyryldy.

Onlaýn-foruma gatnaşyjylar türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň üstünlikli häsiýetini kanagatlanma bilen belläp, şu gezekki duşuşygyň ykdysady hem-de aň-paýhas kuwwatyny has doly peýdalanmak maksady bilen, köpugurly hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga we giňeltmäge gyzyklanma bildirilýändiginiň nobatdaky subutnamasy bolandygyny nygtadylar.

VIII türkmen-russiýa ykdysady forumynyň netijeleri boýunça birnäçe resminamalara gol çekildi.



## 9,7 milliard funt sterling maýa goýum

Angliýanyň paýtagty Londonda geçirilen maýa goýum sammitinde ýurda jemi 9,7 milliard funt sterling daşary ýurt maýa goýumynyň çekiljekdigi bellenildi. Londonda geçirilen Global maýa goýum sammitinde daşary ýurtly maýadarlaryň Beýik Britaniýada 10 milliard funt sterlinge barabar maýa goýum özleşdirmek barada netijä gelendikleri mälim edildi. Bu barada ýurduň Ministrler Kabineti habar berdi.



Sammitde söwda we maýa goýum şertnamasynyň 18-sine gol çekilendigi, bu maýa goýumlaryň ýurtda 30 müň iş ornuny döretjekdigi aýdyldy. Ýurduň hökümet başlygy Boris Jonson dünýäniň iň gowy maýadarlarynyň geljegiň senagatynda ösüş we innowasiýa üçin Angliýadaky ajaýyp mümkinçilikleri görendiklerini belledi. Premiýer-ministr «Bu maýa goýum ykdysady dikelişimizi güýçlendirer, müňlerçe iş ornuny döreder we ýurduň çäginde täze derejä çykmaga ýardam eder» - diýip belledi.

Şeýle hem ýurduň çäginde howanyň özgermegi bilen göreşmek üçin «ýaşyl» tehnologiýanyň özüne düşýän bahasynyň arzanladylmagy üçin tagalla edilýär. Munuň üçin Bill Geýtsiň ýolbaşçylyk edýän täjirçilik maksady bolmadyk «Breakthrough Energy» guramasy bilen hyzmatdaşlyk edilipdir. Bu hyzmatdaşlygyň bahasynyň 400 million funt sterlingdigi mälim edildi. Bu barada Bill Geýts Angliýa bilen hyzmatdaşlygyň howany hapalaýan häzirki önümçilik bilen bäsdeşlik edip biljek arassa tehnologiýanyň bahasyny azaltjakdygyny belledi.

## Şaý-sepleriň sergisi rekord goýýar

Birleşen Arap Emirliklerinde 353 million dollarlyk 50 müň şaý-sepi bir ýerde ýygnap, dünýä rekordy goýuldy. Ol dünýädäki iň uly şaý-sepler sergisi boldy. Şonuň üçin gymmatly şaý-sepleriň gözden geçirilişi Ginnesiň rekordlar kitabynyň wekilleri tarapyndan ykrar edildi.



Abu-Dabiniň «Salem Al Shuaibi Jewellery» kompaniýasy gymmat bahaly bezeg şaý-sepleriň sergisini gurady. Ol 48-nji gezek geçirilýän Ýakyn Gündogaryň sagat hem-de şaý-sepler sergisiniň çäklerinde bolup geçdi. Şarja emirliginde geçirilen sergä uly gyzyklanma bildirildi.

Mundan ozal gymmat bahaly şaý-seplere degişli adaty bolmadyk rekordlaryň biri Hindistanda hem goýlupdy. Hindiler 6690 tegelek göwherden ybarat dünýäniň iň köp göwher jemlenen ýüzügini ýasapdy.

**Kakageldi ÝAZMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## GAZ ENJAMLARYNDA ÝANGYN HOWPSUZLYK ÇÄRELERI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ösüşlere beslenýän ýurdumyz gün-günden gözelleşýär. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda ähli şertler döredilýär. Şeýle ajaýyp döwürde ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek biziň ählimiziň raýatlyk borjumyz bolup durýar. Şeýle bolansoň tebigy gaz arkaly işleýän enjamlara örän ünsli we jogapkärçilikli çemeleşmek möhümdir. Gaz enjamlarynda döreýän ýangynlaryň sebäpleri seljerilende köplenç gaz enjamlarynyň gurnalyş, ulanyş we ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň bozulmagy zerarly ýüze çykýandygy anyklandy. Şonuň üçinem döräp biljek ýangyn hadysasynyň öňüni almak maksady bilen gaz arkaly işleýän enjamlarda ýangyn howpy döremez ýaly ýangyn howpsuzlyk düzgünleri berk berjaý edilmelidir. Gaz peçleri we enjamlary gurnalanda gaz enjamlarynyň gurnalyş we ulanyş düzgünlerini, şeýle-de ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berk berjaý etmek ählimiziň borjumyzdyr. Gaz enjamlary şol ugurdan işleýän ýörite hünärmenler tarapyndan gurnalmalydyr hem-de ähli tarapdan saz işleýändigi barlanylmalydyr. Gaz enjamlary üçin niýetlenen otaglarda, ýagny aşhanalarda gaz enjamlarynyň ýerini üýtgetmek, öýüň içini ýylatmak maksady bilen gaz enjamlaryny (plitalary) we şol enjamlaryň howur pejini işletmek, şol enjamlar gurnalan otaglarda ýatmak, dynç almak, gaz enjamlary bilen bagly ýumuşlary kiçi ýaşly çagalara buýurmak, gaz enjamlaryny gözegçiliksiz galdyrmak howpludyr. Gaz enjamlarynyň ýanan gazynyň howrundan zäherlenmez ýaly, gaz enjamlarynyň üstünden howur çekiji saýawan oturdylyp, gaz enjamynyň işläp duran wagty penjiräniň bir gözi açyk bolmaly.

Gaz enjamlaryna barýan gaz polat turba arkaly geçirilmelidir. Diňe gaz enjamy bilen polat turbaly gaz geçirijiniň arasynda bir metrden köp bolmadyk rezin



mataly gaz geçirijini ulanmak bolýar. Şol rezin mataly gaz geçiriji peýdalanylanda onuň birigýän ýerini ýörite bileksejik arkaly berk gysyp, olaryň eplenmeginden, agyr goşlaryň aşagynda galmagyndan we başga-da her hili zeper ýetmelerden goralmalydyr. Gaz enjamlaryny işletmezden öňürti otluçöpi ýakyp, soňra gazyň ýanjak ojagyna eltip, diňe şondan soň gerek nurbaty açmaly. Gaz enjamlary işledilende hökmany ýagdaýda gözegçilikde saklanylyp, üstünde gaýnap duran suwuklyklaryň çogmagyna ýol berilmeli däldir.

Şeýle-de, gaz arkaly işleýän peçleriň ýa-da suw ýyladyjy enjamlaryň dürli sebäplere görä ody sönende, awtomatik ýagdaýda öçüriji-sazlaýjy ulgamy bolmaly. Gaz enjamlary gurnalanda oda durnukly gatlaklar (materiallar) bilen üpjün edilmeli. Gaz arkaly işledilýän enjamlaryň we onuň tüsseçykarlarynyň töwereginde ýanyjy goşlary, palaslary, ýeňil ýanyjy suwuklyklary goýmaly däl. Gaz enjamlary ulanylmazdan öň, ulanylýan wagty olaryň ojaklarynyň doly açykdygyny, ýanyş ukyplylygyny barlap, tüsseçykary gurumlardan öz wagtynda arassalamaly. Gaz enjamlarynyň öçüriji, sazlaýjy ulgamlaryny ulanmakdan aýyrmak ýa-da gaz geçirijileriň, enjamlaryň bozuk, emeli usulda ýasalan ýagdaýlarynda, esasan hem, gazyň syzmagy ýaly howply ýagdaý ýüze çykanda ulanmak gadagan edilýär.

Otagda gazyň ysy duýlan halatynda gaz enjamlaryny ulanmagy bes etmeli, gaz geçirijiniň nurbatyny ýapmaly, penjireleri açyp, otagyň içini şemallatmaly. Şolar ýaly ýagdaýda açyk otdan peýdalanmak, ýanyp duran elektrik çyrany, enjamlary öçürmek ýa-da ony ýakmak gadagan edilýär. Şeýle ýagdaýda haýal etmän Gaz howpsuzlyk gullugyna telefon arkaly 04, öýjükli telefondan bolsa 004 belgä habar bermeli.

Hormatly ildeşler! Ýangyn dörände ýa-da ýangynyň alamatlaryny gören halatyňyzda howsala düşmän, haýal etmän telefon arkaly 01, öýjükli telefondan bolsa 001 telefon belgisine jaň edip, Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugyna habar beriň! Ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek ählimiziň borjumyzdyr!

**Geldimämmet REJEPOW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji Harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlygy bölüminiň müdiriniň işgärler boýunça orunbasary, içerki gullugyň kapitany.*

## Rekord derejede hasyl berdi

Hytaýly agronomlar şalynyň ýokary hasylly täze sortuny döretdiler. Şalynyň bu görnüşi seçgiçi Ýuan Lunpiniň topary tarapyndan tapylypdy. Täze tohum Huan welaýatynyň Henýan şäherinde gadymy Sinçžu obasynda synag maksady bilen ekildi.



667 inedördül metr meýdandan 1603 kilogram hasyl alyndy. Geçen ýyl bu ugurdaky görkeziji 1530 kilogram bolupdy.

Hytaý şalyçylykda seçgi-genetika ylmy barlagynda we bioinženerçilikde öňdäki orunlary eýeleýär. 1973-nji ýylda hytaýly alym-seçgiçi Ýuan Lunpin şalynyň ýokary hasylly görnüşlerini döredipdi. Şonuň üçin oňa «gibrid şalynyň atasy» diýilýär.

**Merdan BABAKULYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Suwdan wodorod alyndy

Ýaponiýanyň Tokio uniwersitetiniň alymlary fotokatalriziň kömegi bilen suwdan 70 göterim wodorod almagy başardylar. Munuň üçin alymlar 100 inedördül metr meýdany tutýan ullakan gurnama gurdular. Gurnamada fotokatalitik madda bilen örtülen Gün panelleri ulanyldy, olaryň üsti bilen suw üpjün edildi.

Fotokatalizator Gün şöhlelerini dargatmak arkaly suwuň kisloroda we wodoroda bölünmegini çaltlaşdyrýar.



Ýaponiýanyň alymlary şonuň netijesinde, wodorodyň 70% -ini ýygnamagy başardylar.

Şeýlelikde, ýapon alymlary köp mukdarda arzan gaz öndürmek üçin bu tehnologiýany ulanmagy meýilleşdirýärler. Ýaponiýa Günbatar ýurtlary bilen bilelikde 2050-nji ýyla çenli uglerod zyňyndylarynyň mukdaryny azaltmak üçin tagalla edýär.

**Muhammetnazar ÇARYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Dünýäniň iň owadan obalary

Merkezi edarasy Angliýada ýerleşýän «Uswitch» atly platforma ulanyjylaryň jemgyýetçilik torlaryndaky teswirlerini nazarda tutup, dünýäniň iň owadan obalaryny saýlady. Gresiýanyň Egeý deňzindäki syýahatçylyk adasy Santorininiň demirgazygyndaky Oýa obasy birinji boldy. Bu obanyň gözel ýerlerini 1,6 milliondan gowrak internet ulanyjysy dostlary bilen paýlaşypdyr.



Wýetnamyň Holong aýlagyndaky oba sanawda ikinji bolupdyr. Deňiz kenaryndaky gözel künjekde 1997-nji ýylda Jeýms Bond filmi surata düşürilipdir. Bu obanyň suratyny 1,1 milliondan gowrak ulanyjy internete goýupdyr. Türkiýäniň Newşehir welaýatyndaky Göreme obasy bolsa üçünji bolupdyr. Bu ýere ýylda ýerli we daşary ýurtly myhmanlaryň müňlerçesi gelýär. Gadymy Kappadokýa sebitinde ýerleşýän obadaky dik daşlar myhmanlary özüne çekýär. Şeýle hem sebit öz myhmanlaryna ballonly syýahat arkaly bu tebigy gözellige syn etmäge mümkinçilik berýär. Awstriýanyň «Hallstatt», Awstraliýanyň «Mission Beach», Täze Zelandiýanyň «Wanaka», Italiýanyň «Wernazza», Ýaponiýanyň «Shirakawa-Go», Şotlandiýanyň Mall adasyndaky «Tobermory» we Portugaliýanyň Azores awtonom sebitindäki Furnas obasy ilkinji onluga giripdir.

**Gülälek HAÝDAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Ýyldyzlaryň gadymy kartasy muzeýde görkeziler

1999-njy ýylda Germaniýanyň Nebra şäherinde tapylan dünýäniň iň gadymy ýyldyz kartasy Britan muzeýinde görkeziler. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni sanawyna girizilen bu taryhy eser 3 müň 600 ýyl ozal döredilipdir. Tegelek şekilli kartanyň ýüzünde ýyldyzlaryň we Aýyň şekilleri bar.



Alymlar bu eseriň Angliýadaky Stounhenj bilen baglanyşykly bolup biljekdigini belleýärler.

Dünýäniň iň gadymy ýyldyz kartasy hasap edilýän «Nebra asman tigriniň» Bürünç eýýamyndan galandygy bellenilýär. Taryhy eser XX asyryň iň ähmiýetli arheologik tapyndylarynyň biri hasaplanýar. Bürünç kartanyň diametri 30 santimetre barabar. Onuň ýüzünde Gün, Aý, ýyldyzlar, ýylyň dowamynda günleriň deňleşýän wagtlary we beýeki kosmiki hadysalary alamatlandyrýan altyn nyşanlar bar.

Eser Germaniýanyň taryhdan ozalky döwre degişli eksponatlaryň saklanýan Halle döwlet muzeýine degişli bolup, Britan muzeýine wagtlaýyn berildi.

**Tahyr GULMÄMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Rahat uky – rahat durmuş

Uky her bir adamyň esasy zerurlygydyr we ylmy subutnamalara görä ukynyň hili we dowamlylygy ömrüň dowamlylygynyň açarydyr. Uky ýetmezçiligi adamyň semremegine we beýleki käbir nähoşluklara sebäp bolup biler. Hünärmenleriň pikirine görä, uky ýetmezçiligi dünýä ilatynyň 45 göterimine öz täsirini ýetirýär.



Şonuň üçin wagtly-wagtynda ýatmak hemmeler üçin möhümdir. Bilermenleriň bellemegine görä, ulular günde azyndan 7 sagat uklamaly. Genetiki faktorlar sebäpli diňe az sanly adam günde 6 sagatdan az uklaýar. Çagalaryň doly dynç almagy üçin olar 8 sagatdan 17 sagat aralygynda uklamaly. Täze doglan çagalara zerur uky möçberi günde 14-17 sagat, 4 aýdan 1 ýaşa çenli çagalar 12-16 sagat uklamalydyrlar. 1-2 ýaşly çagalar günde 14 sagat, 3-5 ýaşly çagalar azyndan 10 sagat uklamalydyrlar. Mekdep ýaşyndaky çagalar (6-12 ýaş) günde 9-12 sagat uklamalydyrlar. Ýetginjekler (13-18 ýaş aralygyndaky çagalar) barada aýdylanda bolsa, olaryň ukusy günde azyndan 8 sagat bolmaly.

**Merjen ORAZOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Aýda sürmek üçin taýýarlandy

50 ýyl töweregi mundan ozal «Apollo 15» maksatnamasynyň çäklerinde Aýa baran amerikan astronawtlary Deýw Skott hem-de Jim Irwin Ýeriň hemrasynda awtoulag sürüpdiler. Iki astronawt elektrik energiýasy bilen işleýän bu ulagdan üç sagatlap Aýyň ýüzünde sürüpdiler. Şondan bäri adamyň sürmegine niýetlenen hiç hili ulag serişdesi başga planeta iberilmedi. Germaniýanyň motosikl dizaýny bilen meşgullanýan «Hookie» kompaniýasynyň inženeri Niko fon Huki Aýda we beýleki planetalarda sürmäge niýetlenen motosikl işläp taýýarlady.



15 km/sagat tizlik bilen hereket edýän bu ulaga kosmosyň ýaşamak üçin amatsyz şertlerinde hem ölmän galýan mikroskobik jandar bolan «Tardigrade»-niň ady berildi. Aşa ýeňil materiallardan öndürilen ulagyň agramy 134 kilogram. Ulagy işläp taýýarlan inženerler onuň tigirleriniň alýuminden we ýelsiz uglerod materialdan ýasapdyr. Çydamlylygy bilen tapawutlanýan bu ulaga dürli enjamlary we gurallary hem ýükläp bolýar. Ulag bir gezekki zarýady bilen 110 km ýol geçip bilýär. Ulagyň rus dizaýneri Andreý Fabişewskiniň nusgasyndan alnyp işlenip taýýarlanandygy mälim edildi. Ulag häzirki wagtda Los-Anjelesdäki Petersen awtoulag muzeýinde görkezilýär.

**Baýramgylyç ALTYBAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Köne telefonlardan altyn alnar

Elektron enjamlarda metallaryň dürli görnüşi bolýar. Esasan hem, mobil enjamlarda demir, alýumin, mis, kümüş we hatda altyn bolýar. Köp ýurtda ulanyşdan galan elektron enjamlar ýygnalyp, olaryň içindäki materiallar görnüşlerine görä aýrylýar we gaýtadan peýdalanylýar. Dünýäde az sanly ýurtda elektron enjamlaryndan gymmat bahaly materiallar alynýar. Indi olara Angliýa hem goşular. Angliýanyň «Royal Mint» zikgehanasy Kanadanyň «Excir» kompaniýasy bilen bu ugurda şertnama baglaşdy. «Royal Mint»-iň Günorta Uelsdäki önümçilik desgasynda himiýa esasly tehnologiýa ulanylyp, telefon we noutbuk ýaly köne enjamlaryň metallary alnar.



Bu tehnologiýa synagdan geçirilende 999,9 saplygy bolan altyny almak başardypdyr. Şeýle hem elektron enjamlaryň düzümindäki palladiý, kümüş, mis ýaly beýleki metallary hem alyp bolýar.

Dünýäde her ýylda 50 million tonnadan gowrak elektron galyndy emele gelýär. Häzirki wagtda bu zyňyndylaryň az mukdardakysy gaýtadan işlenýär. Şeýle-de bolsa, elektron enjamlaryň çig mal hökmünde ulanylyşynyň mukdary artýar. Şeýle desgalar Ýaponiýa, Hytaý, ABŞ we Koreýa Respublikasy ýaly tehnologiýa babatda ösen ýurtlarda bar. Ýedi müň telefondan 1-2 kilogram aralygynda altyn, 2-3 kilogram kümüş we şonçarak mis alynýar. Ýeri gelende bellesek, şu ýylyň tomsunda geçirilen «Tokio 2020» Olimpiýa oýunlarynda türgenlere gowşurylan altyn, kümüş we bürünç medallar köne elektron enjamlardan alyndy.

**Röwşen SAPARGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Haçan maşk etmeli: irdenmi, agşammy?

Gündelik durmuşynda sport bilen meşgullanmak ýa-da maşk etmek isleýänler köplenç şeýle sowal bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar. Eýsem muňa bilermenler nähili jogap berýärler. Ilki bilen islendik wagtda hem sport bilen meşgullanyp boljakdygy bellenilýär. Şol sebäpli adamyň özüni keýpiçag, güýçli we işjeň duýýan wagtynda maşk edip biljekdigi aýdylýar. Emma maşkyň görnüşine görä belli günler we günüň belli wagty saýlanyp bilner. Mysal üçin, agram daşlaryny götermek ýaly bedene agram salýan maşklar ýerine ýetirilen gün sportuň başga görnüşi bilen meşgullanmak maslahat berilmeýär.



Esasan hem, sport bilen meşgullanmaga täze başlan adamlar bu ýagdaýa has köp üns bermelidirler. Maşk etmek saglyk üçin ähmiýetli bolsa-da, nädogry hereket size zeper ýetirip biler.

Ir bilen ýeňil maşklary ýerine ýetirmek talabalaýyk hasaplanýar. Agyr maşklary etmek garaşylan netijäni bermän biler. Irdenki maşk günüň dowamynda haçan haýsy işi etmelidigiňizi meýilleşdirmäge hem ýardam eder.

Agyr maşklary agşam etmek maslahat berilýär. Muskullaryňyzy berkitmek üçin agşamky maşk irdenkiden has täsirli bolar.

Islendik wagtda maşk edilende-de adamyň rahat uklamagyna we irden şähdaçyk turmagyna ýardam edýär. Sport bilen yzygiderli meşgullanmak üçin bilermenlerden maslahat soramalydygyny hem unutmaň!

**Azat ALLABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## Satyjysyz dükan açyldy

**Angliýanyň «Tesco» kompaniýasy Londondaky merkezinde satyjysyz dükanyny açdy. Mundan üç ýyl ozal «Amazon» hem ABŞ-da şeýle dükany işe girizipdi. Bu dükanda alan harytlarynyň puluny tölemek üçin müşderileriň kassa barmagyna, hatda olary skanerden geçirmegine hem zerurlyk ýok. «GetGo» atly ulgam emeli aň tehnologiýasy bilen işleýär. Munuň üçin sensorlardan, kameralardan we agramy ölçeýän tekjelerden peýdalanylýar.**



**«Tesco» kompaniýasy şu ýylyň ilkinji alty aýynda girdejisini 5,9 göterim artdyryp, 30,4 milliard funt sterlinge ýetiripdir. Häzirki wagtda «Amazon» kompaniýasynyň Londonda üç sany satyjysyz dükany hereket edýär.**

### BILDIRIŞ

Ogulşirin Rejepowanyň adyna Aşgabat şäherindäki Atamyrat Nyýazow adyndaky aýratyn zehinli mekdep-internaty tarapyndan 2004-nji ýylda berlen orta bilim hakyndaky şahadatnamanyň ýitendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 22-si, 2021
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-107987
Belgisi: 43/1453
Tiražy: 13052
Bahasy: 3,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-06, 28-14-36
www.zamanturkmenistan.com.tm / info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# TÜRKMENISTAN-GDA: hyzmatdaşlyk ösdürilýär

*Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli içeri we daşary syýasatynyň netijesinde halkara hyzmatdaşlygynda uly ösüşler gazanylýar. Ata Watanymyz dünýäniň köp sanly döwletleri bilen syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlygy özara bähbitlilik hem-de deňhukuklylyk esasynda alyp barýar.*

Bu ugurda halkara we sebit guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyga hem uly orun berilýär. Ýurdumyz BMG, ÝHHG, ŞHG, YHG we GDA ýaly halkara we sebit guramalary bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy üstünlikli ösdürýär. Şolaryň hataryndaky Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegi hem ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň GDA boýunça hyzmatdaşlary bilen özara hereket etmäge bolan gyzyklanmasynyň ýokarlanandygyny nygtamak üçin ähli esaslar bardyr. Bu, ilkinji nobatda, ykdysady we medeni-ynsanperwerlik ulgamlaryna, GDA ýurtlary üçin umumy ähmiýete eýe bolan çäreleriň geçirilmegi baradaky başlangyçlara degişlidir. Türkmenistan bu sebit guramasyna birnäçe gezek başlyklyk edip, Döwlet Baştutanlarynyň geňeşinde, Hökümet ýolbaşçylarynyň geňeşinde, Daşary işler ministrleriniň geňeşinde, Ykdysady geňeşinde, döwletleriň Arkalaşygyň tertipnamalaýyn we beýleki edaralarynyň ýanyndaky hemişelik ygtyýarlandyrylan wekilleriniň geňeşinde, şeýle hem GDA-nyň Ykdysady geňeşiniň ýanyndaky Ykdysady meseleler boýunça Toparynda işjeň hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine uly goşant goşdy.

Golaýda hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň onlaýn tertipde geçirilen mejlisine gatnaşmagy «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan edilen üstümizdäki ýylyň möhüm wakasy boldy. Milli Liderimiz wideoşekilli çykyşynda Türkmenistanyň GDA-nyň çäklerindäki ysnyşykly gatnaşyklary dowam etdirmäge doly taýýardygyny belledi. Şeýle-de, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň dostlary we hyzmatdaşlary üçin hemişe açykdygyny nygtady.

Köp ýyllaryň dowamynda GDA-da syýasy-diplomatik iş, howpsuzlyk meseleleri, ykdysadyýet, energetika, ulag, ekologiýa, oba hojalygy we azyk howpsuzlygy, ylym-bilim, medeniýet, sport, syýahatçylyk ýaly ugurlar boýunça hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi toplanyldy. Türkmenistanyň 2012-nji hem-de 2019-njy ýyllarda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna üstünlikli başlyklyk etmegi Arkalaşyga girýän ýurtlaryň netijeli gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrmaga, täze gatnaşyklary ýola goýmaga hem-de bilelikdäki işiň uly kuwwatyndan has netijeli peýdalanmaga mümkinçilik berdi.

Üstümizdäki ýyl Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy üçin hem möhüm senedir. Şu ýyl bu guramanyň döredilmegine hem 30 ýyl dolýar. Türkmenistan döwletimiz ýaly, GDA-nyň düzümindäki köp sanly ýurtlar özüniň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygyny giňden belledi. Bu gurama agza döwletler ulag we energetika taslamalaryny durmuşa geçirmek, häzirki zaman infrastrukturasyny, sebitara ähmiýetli logistika merkezleriniň aragatnaşygyny döretmek maksady bilen, özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek we giňeltmek babatda köp sanly iri tasmalar boýunça hyzmatdaşlygyny has-da işjeňleşdirýärler. Eziz Diýarymyz hususan-da, ykdysadyýet babatda özara hyzmatdaşlygyň GDA-da jemlenen köp ýyllyk tejribesine esaslanyp, ykdysady gatnaşyklary diňe bir Arkalaşygyň çäklerinde ösdürmäge däl-de, eýsem, olary sebitara we halkara derejä çykarmaga mümkinçilik berýän hyzmatdaşlygyň netijeli usullaryny döretmäge ýardam berýär.

Umuman, ýurdumyz döwletimiz sebit we halkara hyzmatdaşlygynyň işjeň agzasy bolmak bilen, ählumumy hem-de durnukly ösüşiň gazanylmagy ugrunda ähli tagallalary edip, iri hem-de möhüm taslamalaryň durmuşa ornaşdyrylmagy üçin aýratyn çemeleşmeleri amala aşyrýar.

**Bahar ANNAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ulag ulgamy – durnukly ösüşiň binýady

**Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ählumumy üstaşyr ulag mümkinçiliklerini döretmek babatdaky öňdengörüjilikli başlangyçlary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda ulag ulgamyny ösdürmegi ugur edinýän milli, şeýle hem sebit we halkara ähmiýetli taslamalar amala aşyrylýar.**

**Ýurdumyz dünýäniň ähli döwletleri bilen ikitaraplaýyn deňhukukly hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerini işjeň ösdürýär. Awtoulag, demir ýol we deňiz gatnawlaryny işjeňleşdirmek bilen, «Demirgazyk – Günorta», «Gündogar – Günbatar» ugurlary boýunça hyzmatdaşlyk yzygiderli ösdürilýär. Ol Ýuwaş ummanyndan Hazar deňzine we Gara deňze çenli, Ýewropanyň demirgazygyndan Hindi ummanyna çenli uly giňişligi öz içine alýar.**

**Milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygynyň barha ösdürilýändigini hem-de bu ugurda halkara başlangyçlarynyň gün tertibinde işjeň ara alnyp maslahatlaşylýandygyny görmek bolýar. Muňa golaýda milli Liderimiziň Hytaý Halk Respublikasynyň guramagynda BMG-niň Durnukly ulag ulgamy boýunça ikinji ählumumy maslahatyna sanly ulgam arkaly gatnaşmagy aýdyň şaýatlyk edýär.**

**Mälim bolşy ýaly, ýurdumyz BMG-niň howandarlygynda ulag meselesi boýunça ählumumy dialogy ýola goýmak başlangyjy bilen çykyş edip, BMG bilen bilelikde Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty Aşgabatda üstünlikli gurady. 2016-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda geçirilen ählumumy forum Durnukly ösüşiň aýrylmaz bölegi hökmünde halkara ulag ulgamyny ösdürmek boýunça giň halkara gatnaşyklaryň täze tapgyryna badalga berdi. Şol halkara forumda hormatly Prezidentimiziň BMG-niň ulagy ösdürmek boýunça Ýörite sebitara maksatnamasyny işläp taýýarlamak baradaky teklibi dünýä jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma eýe boldy.**



**Umuman, hormatly Prezidentimiz bu ugurda sebit we dünýä ähmiýetli başlangyçlary, teklipleri öňe sürýär. Şonuň esasynda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde transmilli ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek boýunça giň gerimli taslamalar amala aşyrylýar. Ulag ulgamlarynyň batly depginlerde ösdürilmegi täze durmuş-ykdysady şertleriniň döredilmegine, işewür we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň giňelmegine, goňşy ýurtlar, şeýle hem dünýäniň beýleki döwletleri we halklary bilen dostlukly gatnaşyklaryň berkemegine ýardam edýär.**

**Diýarymyzyň üstaşyr geçirmek mümkinçiliginiň amala aşyrylmagy goňşy ýurtlaryň ykdysady bähbitlerine-de kybap gelýär, yklymda berk logistik aragatnaşyklaryň ýola goýulmagyna, ynam bildirýän hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň, deňhukuklylygyň we ösüşiň pugtalandyrylmagyna ýardam berýär. Ýurdumyzy ösüşlerden-ösüşlere alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun!**

**Muhabbet GAFUROWA,**
***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.***

# YKDYSADY ÖSÜŞLER, döwletli başlangyçlar

*Ykdysadyýetiň gülläp ösýän ýerinde ýaşaýyş-durmuş ulgamynda hem görnetin ösüşler gazanylýar. Munuň şeýledigine Berkarar döwletimiziň mysalynda hem göz ýetirse bolýar. Eziz Diýarymyz hormatly Prezidentimiziň işläp düzen ykdysady strategiýasyna laýyklykda öňe tarap ynamly gadam urýar. Milli Liderimiziň halk hojalygyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek syýasaty esasynda häzirki döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän iri önümçilik hem-de senagat düzümleri peýda bolýar.*



«Döwlet adam üçindir!» şygaryny ýörelge edinen hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwletli başlangyçlary ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň okgunly hem-de durnukly ösüşine öz mynasyp goşandyny goşýar.

Ykdysadyýetiň gülläp ösýän ýerinde ýaşaýyş-durmuş ulgamynda hem görnetin ösüşler



gazanylýar. Munuň şeýledigine Berkarar döwletimiziň mysalynda hem göz ýetirse bolýar. Eziz Diýarymyz hormatly Prezidentimiziň işläp düzen ykdysady strategiýasyna laýyklykda öňe tarap ynamly gadam urýar. Häzirki döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän iri önümçilik hem-de senagat düzümleri peýda bolýar.

Türkmenistan ozal agrar ýurt bolanlygyndan bu gün senagat taýdan ýokary depginler bilen ösýän ýurda öwrülýär. Çig malyň senagat taýdan işlenilmeginiň ýola goýulmagy bolsa girdejileri artdyrmaga hem mümkinçilik berýär. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen senagat pudagyny, obasenagat toplumyny, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň önümçiligini, eksporty, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, ykdysadyýetiň hususy pudagyna



hemmetaraplaýyn goldaw bermek boýunça döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi netijesinde ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň möçberleri ýokarlandy we olaryň görnüşleri giňeldildi.

Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary bilen hususy telekeçiligiň ösdürilmegine hemmetaraplaýyn goldaw berilýär. Kiçi we orta telekeçilik ýurdumyzyň söwda pudagynyň ösüşine kuwwatly itergi berýär. Şeýle hem ol söwda pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny, onuň düzümlerini berkitmekde, täze iş orunlaryny döretmekde, ýurdumyzyň içerki sarp ediş bazarlarynda ýerli serişdeleriň hasabyna azyk önümleriniň bolçulygynyň üpjün edilmeginde möhüm orun eýeleýär.

Şeýle hem ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň okgunly ösmegi iri möçberli durmuş maksatnamalary üstünlikli amala aşyrmak üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak şol maksatnamalaryň esasy ugry bolup durýar. Milli Liderimiziň oýlanyşykly ykdysady strategiýasy ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösmegini üpjün edýär, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam berýär.

Ylmyň iň täze gazanan üstünlikleri önümçilige ornaşdyrylýar, önümçilik kuwwatlyklary ýokarlanýar. Täze önümleriň görnüşleri artýar, importy çalyşmaga ukyply we eksporta niýetlenen önümleri öndürmäge döwletiň içinde we halkara derejesindäki uly möçberli iri taslamalary amala aşyrmaga oňyn we zerur şertler döreýär. Bu bolsa eziz Diýarymyzyň senagat taýdan ösen ýurda öwrülendigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Halkymyzyň bagtly hem eşretli durmuşda ýaşamagy üçin giň tagalla edýän hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak, belent başynyň aman, tutumly işleriniň mundan beýläk-de rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Gülşat AKYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy, tehniki ylymlarynyň kandidaty.*

**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# «AK ALTYNLY» pellerde zähmet gaýnap joşýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygyna beslenen şu ýylda ýurdumyzda «ak altynyň» bol hasyly ösdürilip ýetişdirildi. Häzir oba zähmetkeşleriniň baş wezipesi ýetişdirilen hasyly öz wagtynda we ýitgisiz ýygnap almakdan ybaratdyr.

Ýurdumyzda güýz paslynyň hem howa



şertleriniň amatly bolmagy oba zähmetkeşlerini täze üstünliklere atarýar. Edermen pagtaçylar häzirki jogapkärli möwsümde wagtyň her bir pursatyndan netijeli peýdalanýarlar. Olaryň gündelik gazanýan üstünligi bolsa pagtaçylaryň arzyly sepgidi nazarlaýandygyny alamatlandyrýar. Pagta çig malyny gysga möhletde we ýitgisiz ýygnap almaga gönükdirilen «ak altyn» möwsüminde kombaýnlar, hasyly daşamak üçin tehnikalar, pagta arassalaýjy kärhanalar we harmanhanalar bökdençsiz işledilýär.

Hormatly Prezidentimiziň daýhanlara edýän taýsyz tagallalarynyň netijesinde edermen daýhanlarymyz güneşli Diýarymyzyň berekeli topragyna bar yhlasyny, alyn derini siňdirip, tutanýerli zähmet çekýärler. Ýylyň-ýylyna «ak altynyň» bol hasylyny kemala getirýärler we gymmatly çig mal hasaplanýan pagtany tabşyrmak baradaky şertnamalaýyn borçnamalaryny abraý bilen berjaý edýärler. Ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň talaplaryna laýyk ýokary



hilli ideg edilip, önjeýli hasyl kemala getirildi.

Täzeçil tehnologiýa esaslanýan häzirki zaman önümçiliginiň guralyşynda pagta süýümi Diýarymyzyň dokma senagaty üçin örän gymmatly çig maldyr. Çünki türkmen dokma önümlerine dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýär.

Oba hojalygynda düýpli özgertmeleriň geçirilmegi netijesinde bu ulgamyň kuwwaty barha artýar. Pudagyň häzirki zaman önümçilik hem-de hyzmat düzümini döretmek, ýer we suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, ekerançylygyň medeniýetini ýokarlandyrmak şol özgertmeleriň möhüm ugurlarydyr.

Umuman, azyk bolçulygynyň esaslaryny berkitmek maksady bilen, häzirki wagtda güýzlük bugdaý ekişi we pagta ýygymy möwsümleri güýçli depginler bilen dowam edýär.

Oba hojalyk tehnikalaryny we beýleki enjamlary doly ulanmak, daýhanlary ýokary hilli bugdaý tohumlary bilen üpjün etmek meselelerine ýokary derejede üns berilýär.

**Hiwaly HUMMEDOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Daşky gurşawy goramak – halkymyz hakynda alada

**Daşky gurşawy goramak, tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak, ekologiýa howpsuzlygy ýaly ulgamlarda beýleki ýurtlar hem-de halkara guramalar bilen netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek ata Watanymyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen bu ugurda giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.**

**Ýurdumyzyň tebigy we howa aýratynlyklary nazara alnyp hem-de tokaý zolaklarynyň meýdanlaryny mundan beýläk-de giňeltmek, tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak maksady bilen, döwletimiziň ekologiýa syýasaty üstünlikli dowam etdirilýär hem-de halkara ekologiýa maksatnamalaryndan we konwensiýalaryndan gelip çykýan borçnamalary ýerine ýetirmek boýunça Türkmenistanyň 2021-2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasynyň taslamasy taýýarlanyldy.**

**Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän tokaý zolaklaryny döretmek, seýilgähleriň çäklerini giňeltmek, baglara ideg etmek ýaly işler ýakymly howa gurşawynyň döredilmegine ýardam edýär.**

**Häzirki döwrüň wajyp wezipeleriniň netijeli çözgüdini işläp taýýarlamakda möhüm orun eýeleýän ýurdumyz tebigaty goramak, şol sanda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň çäklerinde netijeli halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilen anyk başlangyçlary öňe sürýär.**

**Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýa, ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş maksatnama, Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy durmuşa geçirilýär. Bu gün Aral meselesi aýratyn derwaýyslyga eýe boldy. Suw serişdeleriniň bisarpa ulanylmagy netijesinde emele gelen çylşyrymly ekologiýa ýagdaýy sebitde we onuň çäklerinden uzakda ýaşaýan millionlarça adamyň ýaşaýyş-durmuş şertlerine täsir etdi.**



**Tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak, ekologiýa abadançylygyny gazanmak häzirki döwrüň umumadamzat meselesidir. Munuň çözgüdini tapmak, tebigat bilen ynsan durmuşynyň sazlaşykly gurşawyny emele getirmek boýunça halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek Türkmenistanyň daşary hem içeri syýasatynda möhüm orun eýeleýär.**

**Halkymyzyň saglygyny berkitmek babatda ägirt uly işleri amala aşyrýan hormatly Prezidentimize alkyşlarymyz egsilmezdir. Goý, hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!**

**Hemra KAKAJANOW,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.***

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**24-nji oktýabrda Özbegistan Respublikasynda Prezident saýlawlary geçiriler. Bu saýlawlarda 5 syýasy partiýanyň dalaşgärleri bäsleşer.**

## BMG-niň biodürlüligi goramak boýunça maslahaty

BMG-niň biologik dürlülik baradaky konwensiýasyna (COP15) gatnaşyjylaryň XV maslahaty Hytaýyň günorta-günbataryndaky Ýunnan welaýatynyň merkezi Kunmin şäherinde geçirildi. «Ekologiýa medeniýeti we Ýerdäki ýaşaýyş üçin umumy geljegi döretmek» çäräniň esasy mowzugy boldy.

Iki tapgyrdan ybarat maslahatyň işi onlaýn we oflaýn görnüşde guraldy. Çärä gatnaşyjylar 2020-nji ýyldan soňky global biodürlüligiň ösüşini ara alyp maslahatlaşdylar. Maslahata 1800-den gowrak hünärmen gatnaşyp, howanyň üýtgemeginiň zyýanly netijelerine garşy göreş we biodürlüligi gorap saklamak ýaly birnäçe meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

– Global daşky gurşawyň öňünde durýan çynlakaý meselelere gönükdirilen bu çärä gatnaşyjylar ekologiýa medeniýeti düşünjesine eýerip, global daşky gurşawy dolandyrmak ulgamynda gymmatly tejribe alyşdylar. Ýer adamzadyň umumy we ýeke-täk mesgenidir. Häzirki maslahatda umumy geljegi döretmek maksady bilen Ýer togalagyndaky ýaşaýyş, ajaýyp we sazlaşykly dünýä üçin bilelikde tagalla ederis – diýip, Hytaý Halk Respublikasynyň ekologiýa we daşky gurşaw ministri Huan Žunsýu forumda eden çykyşynda belledi.

Forumda Hytaý ösüp barýan ýurtlara biodürlüligi gorap saklamaga goldaw bermek maksady bilen Kunminiň biodürlüligi goramak gaznasyny esaslandyrmaga 1,5 milliard ýuany (takmynan 233 million dollar) bölüp berjekdigini mälim etdi. Maslahatyň çäklerinde ekologiýa medeniýetini durmuşa geçirmek we




biodürlüligi gorap saklamak ýaly mowzuklara bagyşlanan birnäçe kiçi forum guraldy. Hytaý 1993-nji ýylda güýje giren ýokarda agzalan konwensiýa gol çeken we tassyklan ilkinji ýurtlaryň biridir. Häzirki wagtda onuň 196 agzasy bar. Konwensiýa laýyklykda, bu maslahat karar kabul etmek boýunça iň ýokary derejeli gurluşdyr.

## PARIŽIŇ HÄKIMI Prezident saýlawlaryna gatnaşar

Parižiň häkimi Anne Idalgo 2022-nji ýylda Fransiýada geçiriljek Prezident saýlawlaryna dalaşgärligini yglan etdi. Prezidentlige dalaşgär Anne Idalgo partiýa agzalarynyň sesleriniň 70%-den gowragyna eýe boldy. Fransiýanyň paýtagtyna ýolbaşçylyk eden ilkinji zenan özüniň saýlawlarda ýeňiş gazanmak mümkinçiliginiň bardygyna ynanýar.



Fransiýanyň Sosialistik partiýasynyň agzasy Anne Idalgo saýlaw meýilnamasynyň jikme-jikligi barada aýtmady, ýöne saýlawlaryň öňüsyrasynda fransuzlar bilen açyk gepleşik geçirjekdigini wada berdi. Idalgo daşky gurşaw meselelerine aýratyn üns bermegi meýilleşdirip, bu ugur boýunça halkara kanunlaryny goldaýar we täzelenip bilýän energiýa çeşmeleriniň hasabyna ýadro elektrik stansiýalaryndan has ir ýüz öwrülmegini meýilleşdirýär.

Anne Idalgo 1984-nji ýylda Şewilli-Larýu kommunasynda zähmet gatnaşyklary boýunça gözegçi bolup zähmet ýoluna başlady. 1997-nji ýyldan bäri ýurduň hökümetinde dürli wezipelerde işlän Anne Idalgo 2001-nji ýylda Parižiň häkiminiň kömekçisi wezipesine bellendi. Ol 2014-nji ýylda Parižiň häkimi wezipesine saýlanyp, 2020-nji ýylda ikinji möhlete saýlandy.

Fransiýada geçiriljek prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry 2022-nji ýylyň 10-njy aprelinde geçiriler. Ikinjisi dalaşgärleriň hiç birisi sesleriň aglaba köplügini almasa 24-nji aprelde geçiriler. Bu Prezident saýlawy Bäşinji Fransiýa Respublikasynyň taryhynda on ikinjisi bolar. Şu güne çenli prezidentlige 13 adam dalaşgär bolmak isleýändigini mälim etdi, ýöne synçylar bu sanawyň giňelmegine garaşýarlar.



## Älem giňişligine wirtual syýahat

Şweýsariýaly alymlar kosmos giňişliginiň ilkinji jikme-jik 3D kartasyny döretdiler we mundan beýläk kosmosa wirtual syýahaty amala aşyrmagyň hemmelere elýeterli boljakdygyny mälim etdiler. Lozannanyň politehniki mekdebiniň barlag geçirijileri kosmos giňişligini panoramik şekillendirmek maksady bilen açyk kodly programmanyň beta görnüşini taýýarladylar.

– Biz sanly maglumatlaryň uly toplumyny ýygnap, älemiň kompýuter şekilini döretdik. Kompýuteriň kömegi bilen älemiň uzak wagtyň dowamynda emele gelen ösüş prosesiniň bir bölegini döretmegiň hötdesinden geldik. Bu materiýanyň älem giňişliginde nähili ýaýrandygyna has gowy düşünmäge kömek eder – diýip, astrofizika barlaghanasynyň alymy Iw Rewa aýdýar.

Kosmosda gezelenç etmek üçin wirtual hakykat äýnekleri ulanylýar.

– Materiýalaryň iň köp toplanan ýeri bolan galaktikalar toparlaryny üç ölçegde synlamak bilen planetalaryň niçiksi aýlanýandygyna göz ýetirip bilersiňiz – diýip, astrofizika barlaghanasynyň müdiri Žan Pol Kneýb aýdýar.

Maglumatlar gorunda 50 milliondan gowrak galaktika we 300 milliondan gowrak hem jisim, şeýle-de, üç müň orbita hemrasy arkaly alnan şekiller bar. Alymlar programmanyň indiki wersiýasyna asteroidler, dumanlyklar we pulsarlar baradaky maglumatlary girizmegi meýilleşdirýärler.

## Ýabany tebigatyň iň gowy suratlary saýlandy







Londonyň Tebigat ylymlary muzeýi ýabany tebigaty surata düşürmek boýunça her ýyl geçirilýän iň uly bäsleşik bolan «Ýylyň ýabany tebigat suratçysy» bäsleşiginiň netijelerini mälim etdi.

2021-nji ýylyň iň gowy suratçysy fransiýaly Loran Ballesta boldy. Ol fransuz polineziýasynda ýaşaýan «Epinephelus polifekadion» balygynyň köpelýän pursatyndaky emele gelen dumanlygy surata düşürmegiň hötdesinden geldi. Surata almak üçin suratçy 20 metr çuňlukda yzly-yzyna 24 sagat suwuň aşagynda galmaga mümkinçilik berýän öz usulyýetini kämilleşdirmeli boldy. Balyk ýumurtgalarynyň dumanlygy sorag belgisine çalym edýär. Suratçynyň pikiriçe, munuň manysy olaryň geljegi baradaky sowal bolup, adatça, olaryň diňe milliondan biri diri galýar.

Şeýle-de, ýaş suratçylar ugry boýunça-da ýeňiji belli boldy. Ol 10 ýaşly hindi oglanjygy Widýun R. Hebbar. Oglan möýler bilen gyzyklanyp, düşüren suratlaryny ozal hem birnäçe gezek bäsleşige ugradypdy.

Dürli ugurlar boýunça başga-da birnäçe ýeňiji kesgitlendi. Beýlekileriň arasynda awstraliýaly Adam Oswell fotožurnalistika ugry boýunça birinji orny eýeledi. Ol özüniň düşüren suratynda Taýland haýwanat bagynda adamlaryň piliň çykyşyna nähili tomaşa edýändiklerini görkezýär. Şeýlelikde, Oswell bu haýwanlaryň ekspluatasiýa meselesini hem orta atýar. Pil syýahatçylygy Aziýada meşhur bolup, adamlar tälim berlen pillere tomaşa etmäge gelýärler.

Şu ýyl bu bäsleşige 95 ýurduň suratçylarynyň düşüren 50 müň suraty tabşyryldy. Iň gyzykly eserleriň doly galereýasy muzeýiň resmi web sahypasynda goýuldy.

## «Kinoekipaž» Ýere gaýdyp geldi

Russiýanyň kosmos film topary Ýere gaýdyp geldi. 17-nji oktýabrda irden kosmonawt Oleg Nowiskiý, aktrisa Ýuliýa Peresild we režissýor Klim Şipenko paraşýutly enjam bilen gazak sähralygyna gondular. Olar kosmos stansiýasynda 12 gün bolup, «Çagyryş» filmi üçin näsag ekipaž agzasyna gyssagly kömek üçin kosmosa iberilen hirurgyň missiýasy barada film surata düşürdiler. Bu orbitada çeper filmiň ilkinji professional surata düşürilişidir. 2020-nji ýylda NASA kosmosda surata düşürilen parçalar bilen doly göwrümli film surata düşürmegi meýilleşdirýändigini yglan etdi. Bu taslama «SpaceX» amerikan kompaniýasynyň esaslandyryjysy Ilon Maskyň gatnaşjakdygy, şeýle-de baş keşbi Tom Kruzyň ýerine ýetirjekdigi habar berlipdi. Bu meýilnamalaryň wagty kesgitlenmedi. «Çagyryş» atly rus filmi 2022-nji ýylda köpçülige ýetiriler.



## Howa menzillerini açdy

Saud Arabystanynyň hökümeti koronawirus sebäpli çäklendirmeleri ýeňilleşdirmek maksady bilen Patyşalygyň howa menzilleriniň doly güýjünde işe başlandygyny habar berdi. Ýurduň Raýat awiasiýasy guramasy awiakompaniýalara 17-nji oktýabrdan başlap doly hyzmat ediş mümkinçiliginde howa menzillerini dolandyrmaga gaýdyp gelmek barada görkezme berlendigini habar berdi.

Patyşalyk ilatyň sanjym edilmegi we koronawirus ýokançlygynyň azalmagy sebäpli çäklendirmeleriň birnäçesiniň ýatyryljakdygyny habar berdi. Hususan-da, 17-nji oktýabrdan soň açyk ýerlerde hökmany agyz-burun örtügini dakynmak düzgüni ýatyryldy. Şol bir wagtyň özünde üsti ýapyk binalarda we belli ýerlerde ozalkylary ýaly agyz-burun örtüklerini dakynmak zerur hasaplandy. Şeýle-de, howpsuz aralyk düzgüni ýatyryldy. Toýlary we dabaralary uly zallarda käbir ätiýaçlyk çärelerini görmek şerti bilen myhmanlaryň sanyny çäklendirmezden geçirmäge rugsat berildi. Pandemiýa başlanaly bäri ilkinji gezek Mekgäniň we Medinäniň keramatly ýerlerinde ybadat edýänleriň sany baradaky çäklendirmeler ýatyrylyp başlandy. Stadionlaryň we sport zallarynyň indi doly güýjünde işläp biljekdigi habar berildi.

Sentýabr aýyna çenli, takmynan, 35 million ilatly ýurtda täze koronawirus ýokançlygyna garşy 40 milliondan gowrak sanjym edildi. Ýurtda sanjymlar geçen ýylyň dekabrynda başlap, meýletin we mugt yglan edildi. Şol bir wagtyň özünde, ýurduň raýatlary-da, daşary ýurtly raýatlar-da sanjym edilip bilinjekdigi mälim edildi. Ýurtda amerikan kompaniýalary «Moderna» we «Johnson & Johnson», britan-şwed kompaniýasy «AstraZeneca», şeýle-de amerikan kompaniýasy «Pfizer» we nemes hyzmatdaşy «BioNTech» ýaly kompaniýalaryň dört sany sanjymy ulanylýar. «Moderna» ýetginjeklere sanjym etmek üçin tassyklandy. Göwreli zenanlara hem doly sanjym görkezilýär. Saglygy goraýyş ministrliginiň habaryna görä, häzirki wagtda Patyşalyk şu ýylyň ýanwar aýyndan bäri koronawirus ýokançlygynyň iň pes derejesine eýe.



## DEMIR ÝOLUŇ DÜÝBI TUTULDY

Serbiýanyň Prezidenti Aleksandr Wuçiç we Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orban Serbiýanyň Ýewropa Bileleşigine agza bolmagynyň uzaga çeken döwründe iki ýurduň ýakynlaşýandygyny habar berdiler. Bu barada Belgrad bilen Budapeşti birleşdirýän demir ýoluň giň gerimli durkunyň täzelenmeginiň çäginde täze ugruň ýola goýulmagy bilen baglanyşykly dabarada mälim edildi. Ýokary tizlikli otlularyň ýakyn ýyllarda bu ugur boýunça hereket edip biljekdigi çak edilýär. Aleksandr Wuçiç bu taslamanyň simwolik häsiýete eýedigini belläp şeýle diýdi:

– Uzynlygy 27 kilometre deň bolan demir ýoluň bu böleginiň durkunyň täzelenmegi Subotisadan Segeže adamlaryň we harytlaryň daşalmagyny has-da gowulandyrar, ykdysady, medeni, şahsy gatnaşyklary güýçlendirer we iki ýurduň arasyndaky dostlugy berkider.

Wiktor Orban öz gezeginde, häzirki wagtda iki ýurdy Şengen zolagynyň çäkleriniň bölýändigini belläp: - Serbleriň ýakyn wagtda hiç bir päsgelçiliksiz Wengriýa we Ýewropa syýahat edip biljekdigine ynanýaryn – diýdi.

2012-nji ýylda Serbiýa Ýewropa Bileleşigine agza bolmak üçin dalaşgär derejesine eýe bolupdy.



## Gadymy Müsür heýkelleri satyldy

Beýik Britaniýanyň Sadberi şäherinde geçirilen auksionda bir jübüt müsür sfinksi 195 müň funt sterlinge satyldy. Heýkelleriň öňki eýeleri olary 15 ýyllap howlusynda saklap, onuň üýtgeşik bahasy ýokdur öýdüpdirler. Bu barada «East Anglian Daily Times» neşiri habar berdi. Neşiriň habaryna görä, artefaktlaryň özboluşlylygy geçen aý Saffolkdan bir maşgala öz öýünden göçmezden ozal, bilesigelijilik bilen bir metr uzynlygyndaky heýkelleri bahalatmak kararyna gelensoň belli boldy.

– Bize täze göçüp barjak jaýyna laýyk gelmeýän zatlaryň köpüsinden dynmak isleýän ýerli maşgala ýüz tutdy – diýip, auksionçy Jeýms Mander gürrüň berdi. Öý eýeleri uzak ýyllaryň dowamynda howlularynyň hakyky gadymy Müsür sfinksleri bilen bezelendigini bilmän, onuň diňe nusgalanan görnüşidir öýdüpdirler. Olar bagda goýlan heýkelleriniň ýaşynyň bäş müň ýyla deňdigini bilip, haýran galdylar.

Heýkeller açyk asmanyň astynda geçiren ýyllarynda köp zyýan çekip, auksiona ýaramaz ýagdaýda düşen hem bolsa, bu söwda iň şowlusy boldy. Söwdanyň başlangyç bahasy 200 funt sterling bilen başlandy. Tizara bu mukdar ýüz müň funt, soň bolsa 195 müň funta çenli artdy. Sfinksi satyn almak üçin birnäçe alyjy özara bäsleşdi.

Auksiony guraýjylaryň pikiriçe, bu heýkeller şu ýyl welaýat auksionlarynda satylan iň gymmat heýkelleriň biri boldy. Indi müsür artefaktlarynyň muzeýe geçirilýändigi habar berilýär.



## DÜNÝÄ HABARLARY gysga setirlerde

**► Koalisiýa gepleşiklerine başlaýar.** Germaniýada sosial demokratlar, liberallar we «ýaşyllar» koalisiýa gepleşiklerine girişdiler. Bu üç partiýanyň liderleriniň – SDP FDP we «Soýuz 90/ýaşyllaryň» maslahatyndan soň ýaýradylan beýanatda mälim edilýär. Bu täze hökümet gurmak üçin esasy ädimdir. Ministrler Kabinetine Olaf Şolz ýolbaşçylyk eder. Çünki onuň partiýasy SDP 26-njy sentýabrda geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazandy. Bu düzümdäki koalisiýa taraplary alamatlandyrýan reňklere görä «Ýol yşyk» diýlip atlandyryldy.



**► Täze Premýer-ministri bolar.** Parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanan Norwegiýanyň Işçiler partiýasynyň lideri Ýonas Gar Stere ýurduň Premýer-ministri wezipesine girişer. Işçiler partiýasynyň ýolbaşçylygyndaky bileleşik 13-nji sentýabrda geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Ondan öň bu patyşalyk 2013-nji ýyldan bäri Erna Solbergiň ýolbaşçylygyndaky konserwatiw Heýre partiýasynyň ýolbaşçylygyndaky sagçy bileleşik tarapyndan dolandyrylýardy.



**► Aşaky palata ýatyryldy.** 14-nji oktýabrda Ýaponiýanyň Hökümeti parlamentiň aşaky palatasyny ýatyrmak kararyna gelip, bu barada Imperator Naruhito mälim edildi. Bu resminama monarh tarapyndan gol çekilenden soň, hökümetiň baş sekretaryna, soňra bolsa palatanyň başlygyna gowşuryldy. Mundan öň Ýaponiýanyň täze saýlanan Premýer-ministri Fumio Kisida 31-nji oktýabrda parlamentiň aşaky palatasyna saýlawlaryň geçiriljekdigini mälim edipdi.



**► Öňki Premýer-ministr ýeňiş gazandy.** Günbatar Afrikanyň kenarýakasyndaky ada döwletiniň Merkezi saýlaw gullugynyň maglumatlaryna görä, Kabo-Werdeniň ozalky Premýer-ministri Žoze Mariýa Neweş ýurtda geçirilen Prezident saýlawlarynda ýeňiş gazandy. 17-nji oktýabrda geçirilen saýlawlaryň birinji tapgyrynyň netijesinde, Neweş sesleriň aglabasyna - 51,5%-ine eýe boldy. Neweş 2011-nji ýyldan 2016-njy ýyla çenli Premýer-ministr bolup işledi. Onuň esasy bäsdeşi ozalky hökümet başlygy Karlos Weýga täze Prezidenti ýeňşi bilen gutlady.



**► Iň uzyn kosmos uçuşyna başladylar.** «Şençžou-13» kosmos gämisiniň taýkonawtlary «Týangun» orbital stansiýasyna baryp ýetdi. Bu hytaý kosmonawtikasynyň taryhynda iň uzyn uçuş bolup, indiki ýylyň aprel aýyna çenli dowam eder. Olar stansiýanyň esasy modulynyň işini ýola goýup, toplumyň işiniň has-da giňemegi üçin enjamlary taýýarlarlar. Hytaýyň ilkinji kosmos stansiýasy T görnüşli üç sany moduldan ybarat bolar. Hytaý bilelikdäki Halkara kosmos stansiýasyna gatnaşmaýandygy üçin özüniň aýratyn kosmos stansiýasyny gurýar.



**► 26 million ýewro utdy.** Fransiýanyň raýaty ýurduň lotoreýasynyň taryhynda iň uly ýeňiji bolup, 26 million ýewro utuş gazandy. Munuň 1976-njy ýyldan bäri iň uly utuşdygy habar berilýär. Bahasy 1,83 ýewro bolan petegi satyn alanyň ady mälim edilmedi. 24 million ýewro deň bolan öňki utuş 2011-nji ýylyň iýun aýynda Fransiýanyň Sarsele şäherinde gazanylypdy. Şeýle-de, geçen ýylyň dekabrynda Fransiýanyň günortasynda Ýewropanyň «Euromillion» lotoreýasyny satyn alanlaryň biri 200 million ýewro gazanypdy.



**► Ilkinji rus-hytaý uçarlarynyň önümçiligi.** Hytaýda uzak aralyga niýetlenen giň göwrümli CR929 rus-hytaý uçarynyň ilkinji nusgasynyň önümçiligi başlandy. Bu uçarlar ýylyň ahyrynda ilkinji gezek asmana göteriler. Taraplaryň meýilnamasyna görä, 250-300 orunlyk howa gämisi Ýewropanyň «Airbus» we Amerikanyň «Boeing» uçarlary bilen bäsleşer we dürli ýurtlarda möhüm bazar paýyna eýe bolar. Häzirki wagtda maksatnamanyň bahasy 13-20 milliard dollar möçberinde çaklanyp, 20 ýylyň içinde jemi 800-e golaý uçar öndürmek meýilleşdirilýär.



**► Marsdaky ýaşaýşa taýýarlyk.** Ysraýylyň çölünde Marsdaky ýaşaýyş modulynda ýaşamaga taýýarlyk taslamasy başlady. Ýewropa ýurtlarynyň hünärmenler topary üç hepdäniň dowamynda AMADEE-20 modulynda bolup, onlarça synag geçirerler. Modulyň ýaşaýjylary doly abzallaşdyrylan 50 kilogramlyk skafandr geýerler. Synag Ýewropanyň kosmos gullugynyň gatnaşmagynda Ysraýylyň kosmos gullugy tarapyndan guraldy. Bu barlagyň geljekde Marsda gaýtalanmazlygy üçin mümkin bolan ähli ýalňyşlyklary göz öňünde tutýandygy habar berilýär.





Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

Dünýäniň käbir şäherlerinde telefon öýjagazlary kitaphana hökmünde ulanylýar.

OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

# Täsin köprüler

Köprüleriň dürli ululykdaky görnüşleri bolýar. Kiçiräk ýabyň üstünden pyýada geçmek üçin keseligine goýulýan agaç ýa-da galyň tagta paýapyl diýilýär. Has uly köprüler bolsa polatdan we beýleki materiallardan gurulýar. Ýer ýüzünde birnäçe asyrdan bäri ýykylman duran daşdan gurlan köprüler hem az däl. Käbir şäherlerde bolsa derýadan gäminiň geçýän wagty açylýan we soňra ýapylýan köprüler hem bar. Derýanyň, deňziň ýa-da jülgäniň iki ýakasyny birleşdirmek üçin gurulýan köprülerde ösen binagärlik we inženerçilik çözgütleri ulanylýar. Köprülere diňe derýanyň aňrysyna geçmek üçin däl, eýsem, täsinligine tomaşa etmek üçin hem barýarlar. Örän gadymy, gaty dar ýa-da gaty beýik köprüler häzirki wagtda müňlerçe syýahatçyny özüne çekýär. Soňky ýyllarda tebigy gözelliklere syn etmek, täsin dag howasyndan dem almak üçin gurulýan köprüler hem meşhurdyr. Şeýle köprüleriň üstünden ýöremek köp adamyň halaýan güýmenjesine öwrüldi. Şeýle köprüleriň sanawyny siziň dykgatyňyza ýetirýäris.

■ **«Trift Glacier» köprüsi.** Bu köprüden geçmek üçin örän batyrgaý bolmaly. Sebäbi, pyýadalar üçin niýetlenen bu köpriniň aşagy aýnadan ýasalypdyr. Onuň uzynlygy 170 metre, beýikligi 100 metre barabar. Şweýsariýanyň Bern kantonynda ýerleşýän bu köpri 2004-nji ýylda «Trift» buzlugyna syn etmegi halaýanlar üçin gurlupdyr. Eponim kölüniň üstünden geçýän köpri henizem Ýewropanyň iň «howply» asma köprüsi bolmagynda galýar. Oňa howply diýilýän hem bolsa, polat urganlar bilen berkidilen köpri ygtybarly bolmagy bilen tapawutlanýar. Ini bir metrden kiçi hem bolsa köpri ýylda müňlerçe syýahatçyny özüne çekýär. Güýçli ýel bolan wagtynda bolsa, köpri iki tarapa hallan atýar.

■ **«Carrick-A-Rede Rope» köprüsi.** Dünýäniň iň täsin we howply köprüleriniň biri bolan Karrik-a-Red asma köprüsi Demirgazyk Irlandiýanyň Ballintoý şäheriniň golaýyndaky Antrim etrabynda ýerleşýär. Uzynlygy 20 metr we beýikligi 30 metr bolan bu köpriniň özboluşly görnüşi bar. Köprüden geçmäge her kim milt edip bilmeýär. Şeýle-de bolsa, her ýyl müňlerçe syýahatçy bu ýere gelýär. Köprüden geçenler Ratlin adasyna we hatda Şotlandiýanyň owadan ýerlerine syn etmäge mümkinçilik alýarlar. Bu köpriniň 350 ýyldan gowrak taryhynyň bardygy çaklanylýar. Ilkibaşda balykçylar tarapyndan gurlan bu köpri ýyllaryň dowamynda birnäçe gezek üýtgedilipdir. Köpri ilkibaşda Karrik adasyna barmak üçin gurlupdyr. 2000-nji ýylda köpri düýpli abatlanýar. «Carrick-A-Rede Rope» köprüsi her ýyl müňlerçe jahankeşdäni özüne çekýär. Köpriniň ýerleşýän ýeri ösümlik we haýwanat dünýäsine baý. Köpriniň birleşdirýän daglarynyň eteginde balykçylaryň tupanly howada gaçybatalga hökmünde ulanýan gowaklary bar.

■ **«U Pain» köprüsi.** 150 ýyl gowrak mundan ozal Mýanmanyň ýaşaýjylary Taunton kölünden geçmek üçin köpri gurupdyrlar. Onuň gurluşygyna XIX asyryň ikinji ýarymynda başlanypdyr. Köprüden geçilende, adamlaryň ýapyşmagy üçin hiç hili germew göz öňünde tutulmandyr. Ýerli ýaşaýjylar bu köprüden welosiped bilen hem, uly ýük bilen hem arkaýyn geçýärler. Ýerli ýaşaýjylaryň gündelik durmuşynda ulanýan bu köprüsiniň uzynlygy 1200 metr, aşagyndaky suwdan beýikligi 4,5 metr. Syýahatçylaryň arasynda meşhurlyk gazanan bu köpriniň tik agajyndan ýasalan iň gadymy we uzyn köprüdigine ynanylýar.



■ **«Capilano» köprüsi.** Wankuweriň golaýynda ýerleşýän Kapilano asma köprüsi diňe bir ekstremal däl, eýsem, dünýädäki iň özüne çekiji köprüleriň biri hasaplanýar. Köpri bilen Kapilano derýasyna baryp bolýar. Bu ýerde ýaşyl ýaprakly tokaýlar bilen gurşalan ajaýyp tebigaty görmek bolýar. Köpriniň gurluşygyna 1889-njy ýylda başlanypdyr. Desganyň taslamasyny şotlandiýaly inžener Jorj Grant Makki taýýarlapdyr. Şäheriň iň gelim-gidimli ýerleriniň birine öwrülen köpri 1956-njy ýylda açyldy. Inženerler uzynlygy 136 metr bolan köpriniň örän berkdigine ünsi çekip, onuň birwagtda 96 pili göterip biljekdigini belleýärler. Kapilano asma köprüsine her ýylda ortaça 900 müň syýahatçy gelýär. Köpriniň gapdalyndaky milli seýilgähde hem köp sanly attraksion we güýmenje merkezleri bar.

■ **«Keshwa Chaca» köprüsi.** Daglyk tebigaty bilen tapawutlanýan Peruda dag gerişleriniň arasynda birnäçe asma köprüler bar. Taryhçylar bu ýurtda şeýle köprüleriň ilkinji gezek Ink imperiýasy döwründe ýüze çykandygyny belleýärler. Bu ýerdäki köprüler otlardan işilen tanapdan gurulýar we birnäçe ýyldan abatlanyp durulýar. Şeýle köprüleriň biri bolan «Keshwa Chaca»-nyň uzynlygy 36 metr bolup, Apurimak derýasynyň üstünde 67 metr beýiklikde ýerleşýär. Ýerli halk häzirki wagtda köprini ulanmagy dowam etdirýär. Her ýyl iýun aýynda köprini bejermek üçin çärelerdir ýaryşlar guralýar.



# Dünýäniň iň owadan kitaphanalary

■ **«Admont Abbey» kitaphanasy, Awstriýa.** Ens derýasynyň kenaryndaky Admont şäherinde ýerleşýän bu kitaphana binagärlik aýratynlygy bilen tapawutlanýar. 1776-njy ýylda gurlan kitaphananyň taslamasyny binagär Ýosif Hýuýer taýýarlaýar. Binanyň uzynlygy 70, ini 14 metrden ybarat bolup, iň baý kitaphanalaryň biri hasaplanýar. Kitaphanada 70 müň töweregi kitap bar. Kitaphananyň içki bezegi belli suratkeş Bartolomeo Altomonta we heýkeltaraş Iosif Stammel tarapyndan amala aşyrylypdyr. Bu ýerde kitaplardan başga-da 1400 sany golýazma saklanýar.

■ **Aýowanyň Kapitoliý kitaphanasy.** ABŞ-nyň Aýowa ştatynyň merkezi şäherindäki bu kitaphananyň binasy 1871-1886-njy ýyllar aralygynda gurlupdyr. Kitaphanadan şäheriň ajaýyp panoramasyny görmek bolýar. Toplumyň çäginde dürli ýadygärlikler bar. Gönüburçluk şekilli binanyň belent petigi, uly penjireleri tebigy ýagtylygyň içerik girmegini üpjün edýär. Bu bolsa okamaga höwesi artdyrýar.

■ **«Handelingenkamer» kitaphanasy, Niderlandlar.** Bu ýerde 1970-nji ýyla çenli ähli stenogrammalaryň golýazmasy saklanylýar. Bu resminamalarda geçirilen maslahatlar sözme-söz ýazylypdyr. Sebäbi kitaphananyň binasy XIX asyrda elektrik togy ýok mahalynda gurlupdyr. Binanyň üçegi tutuşlygyna aýnadan edilendir. Bu bolsa 100 müň jiltden gowrak stenogrammany saklamak üçin gerek bolupdyr. Kitaphananyň 4 gatdan ybaratdygyna garamazdan, üçekden ähli ýere ýagtylyk düşýär.

■ **Sietliň jemgyýetçilik kitaphanasy.** ABŞ-nyň Waşington ştatyndaky aýnadan we polatdan gurlan 11 gatly bina 2004-nji ýylda açyldy. 34 müň kwadrat metr meýdany eýeleýän kitaphanada 1,45 million kitap we beýleki materiallar saklanýar. Şeýle hem myhmanlar üçin ýerasty awtoduralga we 400 kompýuter bar. Bu kitaphana ýylda ortaça 2 milliondan gowrak myhman barýar.

■ **Dünýäniň iň kiçi kitaphanasy.** El telefonlarynyň peýda bolmagy köçeleriň gyralarynda ýerleşdirilen awtomat telefonlaryň ýuwaş-ýuwaşdan ulanyşdan galmagyna sebäp boldy. Angliýanyň kiçijik şäherjigi bolan Westberisab-Mendebiň ýaşaýjylary bolsa gyzyl telefon öýjagazyny kitaphana öwürdiler. Onuň içinde kitaplar üçin ýörite tekjeler ýasalyp, onda gije hem okar ýaly çyra goýdular. Kiçijik kitaphanadan 100-e golaý kitap we DVD disklerini tapmak mümkindir. Bu ýerde nusgawy edebiýata, taryha, aşhana degişli bolan kitapdyr žurnallary alyp, arassa howada okap bolýar. Kitaphana kitaphanaçysyz işleýär. Şäherçäniň 800 töweregi ilaty bu kitaphananyň kitaplaryny çalşyp durýarlar. Öýe okamaga alnyp gidilen kitap yzyna getirilýär. Ýene bir geň galdyrýan zat, ýaşaýjylar şol kiçijik kitaphanadaky gowy kitaplary okamak üçin nobata durýarlar. Şeýlelikde, şäherçäniň ýaşaýjylary öýlerindäki eserleri öz aralarynda yzygiderli alyş-çalyş edýärler.




**Aýjeren HAÝYDOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

ÇAGALAR

Sudoku çözmek edil kitap okamak, krossword çözmek, maşk etmek ýaly ýatkeşligiňi güýçlendirýär.

# Sudoku

Soňky ýyllarda el telefonlarynda, ýörite kitapçalarda we gazet-žurnallarda gabat gelýän sudoku oýny iň gyzykly güýmenjeleriň biri hasaplanýar. Bu oýun boş öýjüklere sanlaryň belli bir tertipde ýerleşdirilmegi bilen çözülýär. Ýapon tapmaçasy bolan sudoku häzirki wagtda bütin dünýäde meşhurdyr. Sudoku ýapon dilinde «sanlar täk bolmaly» diýmegi aňladýan «Suuji wa dokishin ni kagiru» söz düzüminiň gysgaldylmagyndan emele gelipdir. Bu oýun ilkinji gezek 1984-nji ýylda çap edilýär. Esasan, 2005-nji ýyldan soňra dünýäniň beýleki ýurtlarynda ýaýrap başlaýar. Bu oýnuň pikirlenmek we netije çykarmak ukybyňy artdyrýandygy bellenilýär. Şeýle hem bu oýun edil kitap okamak, krossword çözmek, maşk etmek ýaly ýatkeşligiňi hem güýçlendirýär. Köp ýurtda çagalara sudoku çözmek üçin mümkinçilik döredilýär.

Täsin tapmaça



### SUDOKU NÄHILI ÇÖZÜLÝÄR?

● Sudoku oýny adamyň «üç ölçegli pikirlenmek» ukybyny artdyrýar. Bu oýun adatça 9x9 görnüşinde, ýagny 9 setirden we 9 sütünden emele gelýär. Netijede, jemi 81 (9x9) öýjük bolýar. Şeýle hem bu öýjükler 3 setirden we 3 sütünden (3x3) emele gelen 9 bölege bölünýär. Bölekler has gara çyzyklar bilen görkezilýär. Sudoku çözülende her setirde we sütünde 1-den 9-a çenli sanlar bolmaly. Şol sebäpli boş öýjükler doldurylanda, her setirde we sütünde bir san iki gezek gaýtalanmaly däl. Has gara çyzgylar bilen görkezilen her bölekdäki sanlar hem 1-den 9-a çenli bolup, gaýtalanmaly däl.

Sudoku çözülende ilki bilen haýsy setirde we sütünde haýsy sanyň bolmalydygyna, soňra bolsa haýsy bölekde haýsy sanyň bolmaly däldigine üns bermeli. Ýokardan aşaklygyna gabat gelýän sanlaryň käbirini tapanyňyzdan soňra, beýleki boş öýjüklere-de haýsy sanlaryň geljekdigi has aýdyň bolýar.

Adatça, 9x9 görnüşli sudokular meşhur hem bolsa, 6x6 görnüşli, diňe täk sanlardan düzülen, diňe jübüt sanlardan düzülen, kub şekilli we beýleki birnäçe görnüşi hem bar.

Sudoku

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | 8 | | | 3 | 9 |
| | | | 2 | | | | 5 | |
| 2 | | | | 3 | 9 | | | 1 |
| | | | | | 8 | 6 | | |
| 3 | 5 | | | | | | 1 | 2 |
| | | 9 | 3 | | | | | |
| 6 | | | 5 | 9 | | | | 4 |
| | 7 | | | | 2 | | | |
| 5 | 1 | | | 4 | | | | |

# Ösümlikler nädip hereket edýär?

Haýwanlar ýaly aýaklary, bogunlary, nerw ulgamy ýok hem bolsa, ösümlikler hem hereket edýär. Käbir ýabany ösümlikler köpelmek üçin tohumlaryny uzak aralyga atyp goýberýärler. Topraga düşen tohum tebigy şertler emele gelen halatynda gögerýär. Käbir köpýyllyk ösümlikleriň tohumy ýeliň ugruna uçup gidýän übtüginde ýerleşýär. Bu tohumlar hem başga bir ýerde düýp tutýar. Ösümlikleriň tohumlaryny ýaýratmak ýa-da mör-möjekleri «awlap iýmek» hereketi mundan ozal biologlar tarapyndan öwrenilýärdi. Indi bolsa, tebigatdan ylham alýan inženerler robotlary ýasamak üçin ösümlikleri öwrenýärler.



Hereket etmegi bilen ünsi özüne çekýän ösümlikleriň biri hem paporotniklerdir. Gül açmaýan bu ösümlikleriň tohumy sekuntda 10 metrden hem ýokary tizlik bilen atylýar. Şeýlelikde, topraga düşen tohum amatly şertler emele gelende gögerip çykýar. Bu otuň çigidi togalak şekilli gozanyň içinde ýerleşýär. Bu gozanyň bir tarapynda ýarym aýlaw şekilli hatar-hatar öýjükler bolýar. Bu öýjükleriň suw ýitirmegi netijesinde tomsuň yssy günlerinde göwrümi kiçelýär. Şeýlelikde, bu gozanyň bir tarapy ýyrtylýar. Soňra bolsa edil çekilen ýaýyň kirişi ýaly dartylýar. Netijede, tohumlar ýokary tizlik bilen daş-töwerege pytraýar.

Ösümlikleriň köpüsi gerekli minerallary toprakdan, energiýany bolsa Günden alýar. Emma janly-jandarlar bilen iýmitlenýän ösümlikler hem bar. Olaryň biri hem siňekgapandyr. Ylmy ady «Dionaea muscipula» bolan bu ösümlik Amerika materiginiň tropikal sebitlerinde bitýär. Bu ösümlikleriň açylyp-ýapylýan ýapraklary bolýar. Iki bölekden ybarat ýapragyň duýgur tüýjagazlary bar. Bu tüýjagazlara siňek we şoňa meňzeş mör-möjekler gonanda, ýaprak sekundyň ondan biri ýaly wagtyň dowamynda ýapylýar. Bu edil gapana meňzeýär. Soňra bolsa ýörite mäz bölünip çykyp, siňegi eredýär. Soňra ýaprak ýene açylýar.

Jandarlary awlaýan ýene bir ösümligiň ylmy adyna «Aldrovanda vesiculosa» diýilýär. Ol «suw tigri» diýlip hem atlandyrylýar. Suwda bitýän bu ösümlige beýle at berilmeginiň sebäbi, onuň ýapraklarynyň tegelek ýerleşmegi bilen baglydyr. Bu ösümligiň ýapraklarynda hem siňekgapanlaryňky ýaly tüýjagazlary bolýar. Tüýe islendik zat degeninde ol ýapylýar we ösümlige iýmit bolýar.



Günorta Afrikada bitýän «Drosera capensis» atly ösümlik hem mör-möjekler bilen iýmitlenýär. Bu ösümligiň ýapraklarynyň ujunda damja şekilli ýelimli tüýjagazlar bolýar. Ýapraga gonan jandan oňa ýapyşýar. Soňra bolsa ýaprak awuň daşyna oralýar. Bu ösümlige Güneş gülleri diýilýär.

Ýokarda agzalan ösümlikleriň nähili hereket edýändigi alymlar tarapyndan çuňňur öwrenilýär. Mysal üçin Güneş gülleriniň ýapraklarynyň awunyň daşyna oralmagyna seredip, robotyň barmaklaryny işläp taýýarlaýarlar.





## KIM BILMEŞEK?

Adamlar irki döwürlerden bäri wagty hasaplamak üçin dürli enjamlardan peýdalanypdyrlar. Şolaryň biri hem gum sagadydyr. Aýnadan ýasalan ortasy inçe deşikli bu enjamyň içinde ürgün çäge bolup, onuň ýokarky bölegindäki çägäniň aşak akyp gutarýan wagty belli bir ölçeg hökmünde ulanylypdyr. Geliň, şeýle sagat bilen wagty ölçemäge degişli sowala jogap gözläliň! Sowal şeýleräk: iki sany gum sagadymyz bar. Olaryň biri 11 minutda, beýlekisi 7 minutda akyp gutarýar. Ýagny bu sagatlar bilen 11 hem-de 7 minuty ölçäp bolýar. Eýsem, bu sagatlar bilen 15 minuty nädip ölçäp bolarka?! Munuň iki ýoly bar. Tapan jogabyňyzyň dogrudygyny ýa-da nädogrudygyny bilmek üçin gazetimiziň indiki sanyna garaşyň!

Labirint





# GÜÝMENJE

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.
**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

Üç ölçegli surat

№ 9



Üç ölçegli suratyň jogaby.

## SÖZ TAPMAK

**GÖZLÄŇ, TAPYŇ!** Öýjükleriň içinde 26 söz bar.

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| A | D | H | H | O | K | Ž | O | R | Ž | I | N | I | O | K | L | I | O | Ň | Ö |
| H | F | S | T | A | J | K | G | Ç | Z | Ü | Ç | F | Ş | G | A | B | Ü | N | H |
| F | A | L | I | S | S | O | N | Y | J | I | T | Ü | Ý | B | M | R | G | H | Ä |
| M | T | A | A | F | T | J | R | O | N | A | L | D | O | O | P | A | Ö | G | D |
| E | I | R | G | S | L | Ş | L | K | E | J | G | B | Y | K | L | H | N | Ö | I |
| D | B | M | O | R | A | T | A | E | Ý | E | T | G | G | L | Ý | I | Ý | E | N |
| O | N | M | S | H | A | B | W | Y | M | H | Ä | A | U | F | A | M | S | R | H |
| N | E | D | I | M | A | R | I | Ý | A | K | J | K | R | U | J | O | G | F | A |
| N | Ä | W | L | E | Ç | U | T | Y | R | H | A | N | I | H | G | W | U | S | L |
| A | R | Ä | W | O | M | N | T | S | Ü | K | J | I | K | E | P | I | K | L | A |
| R | R | T | A | B | Y | O | B | Ç | U | G | N | M | Ş | K | Z | Ç | Ä | W | S |
| U | A | D | R | E | H | F | Y | E | J | M | M | U | N | G | B | A | N | M | Y |
| M | E | M | Y | G | L | E | W | A | N | D | O | W | S | K | I | F | G | B | M |
| M | D | F | O | E | H | R | G | E | W | Z | B | N | M | Ö | Ş | U | L | A | I |
| A | E | Y | K | S | A | N | O | P | I | K | E | M | Ü | L | L | E | R | P | L |
| M | J | Ç | H | O | L | A | N | N | E | T | Y | M | Ü | A | R | T | F | P | A |
| K | D | P | A | F | E | N | B | Ç | A | D | P | D | A | Ý | I | D | S | E | A |
| E | A | D | F | B | H | D | I | B | A | L | A | J | F | N | F | B | J | P | Ö |
| Ý | M | E | S | S | I | E | U | F | T | H | J | R | E | Ş | F | O | R | D | K |
| N | H | J | H | M | E | Ş | S | I | J | T | Y | S | Z | Ç | G | Y | Y | R | M |

**Tiago Silwa, Alisson, Di Mariýa, Neýmar, Bruno Fernandeş, Messi, Lewandowski, Ronaldo, Ibrahimowiç, Fati, Lukaku, Holann, Salah, Mane, Müller, Dibala, Martines, Benzema, Mbappe, Kieza, Žoržinio, Donnarumma, Ramos, Keýn, Morata, Reşford.**

**Serdar OSMANOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*



## 57-nji KROSSWORD

**Merjen KAIPOWA,** *Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

**DIKLIGINE:** **1.** Özüňki däl, özüňe degişli bolmadyk. **2.** San. **3.** Tämiz, arassa. **4.** Ýyrtyjy jandar. **5.** Takyr ýerlerde suw ýygnanýan oý ýer. **6.** «... hasasyny bir aldyrar» (nakyl). **7.** Ownuk sözüniň antonimi. **8.** Terbiýesiz, dereksiz. **9.** Dutaryň kädisiniň ýasalýan agajy. **10.** «Ýa ... otur, ýa dür saçgyl» (Magtymguly Pyragy). **12.** Taraplary gönüburçluk şekilinde boglan saman. **13.** «Hatarda ... bolsa, ýük ýerde galmaz» (nakyl). **14.** Nota. **15.** 1000 kub/santimetre barabar göwrüm. **16.** «Pessejik ýerden gar ýagar» (matal). **19.** Yzgar, çyg. **20.** XX asyryň görnükli türkmen şahyry ... Atajanow. **23.** «... gepden belli gep» (nakyl). **24.** Dagyň göni dik galýan ýeri. **25.** «Edep bilen bagt tapylar, sabyr bilen – ...» (nakyl). **27.** Oglana dakylýan at. **29.** «Aýy» sözüniň ýöneliş düşümde üýtgedilişi. **30.** Ösümligiň, agajyň ýerasty bölegi. **32.** Ergin şekerden gaýnadylyp taýýarlanýan süýji. **33.** Gymmat däl. **35.** Süýdemdiriji deňiz jandary. **37.** Atyň toýnagyna dakylýan demir. **38.** «Eli meňli işe ýakyn, agzy meňli – ...» (nakyl). **39.** «El ... ýuwar, iki el birigip – ýüzi» (nakyl). **44.** Penjegiň, köýnegiň ýakasyna ildirilýän düwme. **46.** Ýurdumyzda bir welaýat. **47.** ...-kereşme. **48.** Himiki element. **50.** Rowaýat aýdýan adam. **52.** «Kareliýa jeňňelinde» poemasynyň awtory ... Kekilow. **55.** «... daş, ýürek ýakyn». **56.** Himiki elementiň iň kiçi bölejigi. **57.** «... eser etmese, ýanmaz çyraglar» (Magtymguly Pyragy). **58.** Ýurdumyzda ýerleşýän şypahanalaryň biri. **60.** At-abraý, şan. **61.** Gereginden artyk, kän. **62.** Haýbat, hemle. **63.** Nota. **64.** ...-ýaý. **65.** «Aljyran aýal ärine ... diýer» (nakyl). **66.** Ýylgyn, sazak ýaly agaçlaryň iňňe şekilli ýapragy. **68.** Ýaponiýanyň pul birligi. **69.** Günäkär, ýazykly. **70.** ...-gussa. **71.** Aýakgap tikmek üçin işlenen gaýyş. **73.** Ýyl hasaby ýöredilip ugralan pursady. **74.** Elektrik energiýasy.

**KESELIGINE:** **1.** Gyza dakylýan at. **3.** Iş guraly. **5.** Ýiti däl. **7.** Awa salynýan guşuň bir görnüşi. **9.** Allegoriki manyda mekirligi aňladýan jandar. **11.** Azat, özbaşdak. **17.** Çeýe şahaly agaç. **18.** Tekiz, gyradeň. **21.** Ýelek. **22.** «Gün düşmedik ... öleňli, çeşmeli çaýlar görner» (Magymguly Pyragy). **26.** Mawy altyn. **28.** Önümiň çykan ýerini görkezýän belgi. **31.** Takmynan, güman. **33.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **34.** Ýüplük egriji gural. **36.** Sag, salamat, esen. **38.** Ys beriji serişde. **39.** Däri, derman. **40.** «... turan işinden dynar» (nakyl). **41.** Ýere iň ýakyn asman jisimi. **42.** «Myhmana ... goý, iki elini boş goý» (nakyl). **43.** At çalyşmasy. **44.** «... üýrer, kerwen geçer» (nakyl). **45.** Ýer sürmek üçin ulanylýan gural. **49.** Ýylyň ähli paslynda gök öwüsýän agaç. **51.** «... hassasy, söz ussasy» (nakyl). **53.** Inkär etmek. **54.** Pagta süýüminden edilýän ýüplük. **55.** Magtymguly Pyragynyň kakasy. **58.** Uýalaryň ulusynyň kiçisine ýüzlenip aýdýan sözi. **59.** Pasyllaryň biri. **61.** Özüňden uly erkek dogan. **63.** Afrika materiginde ýerleşýän bir döwlet. **65.** Batyr, edermen (köne söz). **67.** Urug, tire (köne söz). **72.** Sahnada drama eserlerini görkezmek sungaty. **75.** Zyýan, kemçilik. **76.** Paýtagtymyzda bir seýilgäh. **77.** Kösükli ekinleriň biri. **78.** Ejir, azap, sütem.




**56-njy krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| S | A | H | A | R | A | | A | K | D | E | P | E | | A | R | K | A | L | Y | | P | A | Ý | H | A | S |
| E | | E | | E | | E | | E | | R | | Ý | A | Ý | | Ö | | A | | A | | H | | A | | E |
| L | I | M | O | N | | M | E | L | E | K | | R | | R | O | W | A | Ý | A | T | | M | A | R | A | L |
| T | | R | | D | | E | | E | | I | | A | Ý | A | | E | | Y | | A | | Y | | Y | | I |
| A | G | A | | E | M | L | Ä | K | | N | A | N | | K | A | K | | K | A | Ş | A | R | | T | E | N |
| | E | | G | | A | | Ý | | A | | Ý | | | | L | | G | | L | | L | | E | | M | |
| A | P | G | Y | R | T | | N | A | G | A | R | A | | K | A | N | A | D | A | | M | E | R | G | E | N |
| | | | R | | A | | E | | R | | Y | | A | | Ň | | R | | | | A | | I | | L | |
| S | E | L | M | E | | O | K | L | A | W | | A | R | A | | G | A | R | A | K | | I | Ş | L | I | K |
| | T | | Y | | A | | | | Ý | | M | | Y | | B | | M | | Z | | S | | M | | | |
| M | E | N | Z | I | L | | A | L | A | M | A | T | | H | A | T | Y | R | A | | E | Z | E | N | E | K |
| | N | | Y | | T | | Ş | | K | | R | | | | R | | K | | D | | N | | K | | N | |
| T | E | R | | Ç | Y | R | A | Z | | A | T | A | | O | K | A | | G | Y | R | A | T | | Ç | E | P |
| A | | U | | A | | I | | A | | W | | L | A | R | | L | | Y | | E | | Ü | | O | | A |
| G | Y | B | A | T | | G | A | M | H | A | N | A | | A | | M | I | Z | A | N | | N | A | K | Y | L |
| A | | I | | M | | A | | A | | R | | D | U | Z | | A | | Y | | N | | E | | U | | T |
| N | A | N | B | A | Ý | | A | N | K | A | R | A | | A | R | Z | Y | L | Y | | A | K | Y | L | L | A |

ESPN-iň habar bermegine görä, Katar 2022 FIFA Dünýä Kubogynyň toparçalarynyň bije çekiliş dabarasy geljek ýylyň 1-nji aprelinde geçiriler. Saýlama tapgyryň ähli duşuşyklary mart aýynda tamamlanar. 22-nji Dünýä Kubogy 2022-nji ýylyň 21-nji noýabry-18-nji dekabry aralygynda Katar döwletinde geçiriler.

## Täze möwsüme badala berildi

Türkmenistanyň 29-njy futbol çempionatyna badalga berildi. Täze möwsümiň ilkinji duşuşygynda häzirki çempion «Altyn asyr» myhmançylykda «Aşgabat» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda aragatnaşykçylar 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Altyn asyr» toparyna ýeňiş getiren gollary Güýçmyrat Annagulyýew (10), Mekan Saparow (35), Altymyrat Annadurdyýew (66) geçirdi. «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk golunyda 80-nji minutda Şatlyk Gurbanow öz adyna ýazdyrdy. Bu duşuşyk hem-de şu günki «Köpetdag»–«Ahal» duşuşygy 12-nji noýabrda oýnaljak V tapgyryň oýunlarydyr. Çempionat 19-njy dekabrda tamamlanar.



Iki aýlawdan ybarat geçiriljek çempionata 8 klub gatnaşyp, olar «Altyn asyr», «Aşgabat», «Köpetdag» (üçüsem Aşgabat şäheri), «Ahal» (Ahal welaýaty), «Şagadam» (Türkmenbaşy şäheri), «Nebitçi» (Balkanabat şäheri), «Merw» hem-de «Energetik» (ikisem Mary welaýaty) toparlarydyr.

## Messi, Salah, Ronaldo

**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçadaky 3-nji duşuşyklar geçirildi. 16 duşuşykda 59 gol geçirilip, bu ýaryşyň taryhyndaky iň ýokary 3-nji görkeziji boldy. 7 topar myhmançylykda ýeňiş gazandy. Öz meýdançasynda 3 utuk gazanan toparlaryň sany 8-e deň boldy. Diňe 1 duşuşyk deňlikde tamamlanyp, şol oýunda-da hasap açylmady. Iňlis klublarynyň dördüsi hem bu tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. Ispan klublarynyň üçüsi, italýanlaryň ikisi, nemes klublarynyň-da diňe biri ýeňiş gazandy.**







«A» toparçada «Mançester Siti» myhmançylykda «Klub Brýuggeni» 5–1 hasabynda ýeňdi. Guardiolanyň tälim berýän toparlary 19-njy gezek 5 golly ýeňiş gazandy. Duşuşykda begliýalylaryň ýeke-täk goluny geçiren Hans Wanaken UÇL-de bassyr 5 oýundan bäri gol geçirip gelýär. Mbappe we Messiniň (2) gollary bilen «Leipsigi» 3–2 hasabynda ýeňen PSŽ utugyny 9-a çykardy. Çempionlar Ligasyndaky gollarynyň sanyny 123-e ýetiren Messi UÇL-de 34-nji gezek bir duşuşykda 2 we ondan köp gol geçirdi. Şeýle-de Messiniň 2021-nji ýylda geçiren gollarynyň sany 40-a ýetip, ol 12-nji gezek şeýle başarnyk görkezdi.

«B» toparçada çekeleşikli geçen oýunda «Liwerpul» myhmançylykda «Atletikony» 3–2 hasabynda ýeňdi. Oýunda 2 gol geçiren Salah şu möwsümde 9 duşuşykdan bäri tapawutlanyp gelýär we muny başaran ilkinji «liwerpully» futbolçy boldy. «Atletikonyň» gollaryny geçiren Antuan Grizmann 52-nji minutda gyzyl kart aldy. Ol UÇL-de bir oýunda 2 gol geçirip, gyzyl kart alan ilkinji futbolçy boldy. «Porto» bolsa «Milany» 42 ýyldan soň öz meýdançasynda ilkinji sapar ýeňmegi başardy.

«C» toparçada ýeňiş gazanan iki klub hem 4 gol geçirdi. «Aýaks» öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmundyň» derwezesinden jogapsyz 4 pökgi girizdi. Sebastian Haller bu oýunda hem tapawutlanyp, möwsümdäki gollarynyň sanyny 6-a ýetirdi. Şeýle-de Lissabonyň «Sporting» topary myhmançylykda «Beşiktaşy» 4–1 ýeňip, UÇL-de myhmançylykdaky iň uly hasaply ýeňşini gazandy.

«D» toparçada belentden öwüsýän «Şerifiň» şemalyny «Inter» topary ýatyrdy. Italýan kluby 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Geçen tapgyrda «Şerifden» asgyn gelen «Real Madrid» myhmançylykda «Şahtýoryň» derwezesinden 5 gol geçirip, şol ýeňlişiň ahmyryny çykardy.

«E» toparçada «Barselona» UÇL-de 6 oýundan soň ilkinji ýeňşini gazanyp, katalonlar Pikeniň ýeke-täk goly bilen «Dinamo Kiýewden» 1–0 üstün çykdy. Pike UÇL-de gol geçiren iň ýaşuly barselonaly futbolçy boldy. Toparçanyň beýleki oýnunda «Bawariýa» myhmançylykda «Benfikany» 4–0 utdy. 3-nji duşuşygynda gol geçirtmezden 12 gol geçiren «Bawariýa» toparynyň ýyldyzy Robert Lewandowski UÇL-de soňky 19 duşuşykda 25 goly öz adyna ýazdyrdy.

«F» toparçada «Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Atalanta» bilen duşuşdy. 1-nji ýarymda italýanlar 2, 2-nji ýarymda iňlisler 3 gol geçirdi. Netijede, «Ýunaýted» 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýene bir ýola toparyna ýeňiş getiren Ronaldo UÇL-däki 137-nji goluny geçirdi we «Atalanta» onuň şu bäsleşikdäki gol geçiren 38-nji kluby boldy. «Ýang Boýzy» myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňen «Wilýarreal» UÇL-de 2008-nji ýyldan soň ilkinji ýeňşini gazandy.

«G» toparçada «RB Salsburg» topary öz meýdançasynda «Wolfsburgy» 3–1 hasabynda ýeňip, utugyny 7-ä çykardy. «Lill» öz meýdançasynda «Sewilýa» bilen golsuz deňme-deň oýnady. «Lill» toparyna 2006-njy ýyldan bäri UÇL-de ýeňiş gazanmak başardanok.

«H» toparçada «Ýuwentus» myhmançylykda «Zeniti» Deýan Kuluşewskiniň goly bilen 1–0 ýeňdi. Žoržinionyň penaltiden 2 gol geçiren oýnunda «Çelsi» öz meýdançasynda «Malmöden» 4–0 üstün çykdy.

Toparçalardaky 4-nji duşuşyklar 2–3-nji noýabrda oýnalar.

### TOPARÇALARDAKY 3-nji DUŞUŞYKLARYŇ NETIJELERI:

**KLUB BRÝUGGE — MANÇESTER SITI: 1-5**
(Wanaken 81 — Kanselo 30, Mahrez 43 p, 84, Wolker 53, Palmer 67

**PSŽ — LEIPSIG: 3–2**
(Mbappe 9, Messi 67, 74 p –Andre Silwa 28, Mukiele 57)

**ATLETIKO — LIWERPUL: 2-3**
(Grizmann 20, 34 – Salah 8, 78 p, Keita 13)

**PORTO — MILAN: 1-0**
(Luis Diaz 65)

**BEŞIKTAŞ — SPORTING: 1-4**
(Larin 24 – Koates 15, 27, Sarabiýa 44 p, Paulinio 89)

**AÝAKS — BORUSSIÝA D: 4-0**
(Roýs 11 ö.d., Blind 25, Antoni 57, Haller 72)

**ŞAHTÝOR D — REAL MADRID: 0–5**
(Krywsow 37 ö.d., Winisuis 51, 56, Rodrigo 65, Benzema 90+1)

**INTER — ŞERIF: 3–1**
(Jeko 34, Widal 58, De Wriý 67 — Till 52)

**BARSELONA — DINAMO K: 1–0**
(Žerar Pike 36)

**BENFIKA — BAWARIÝA: 0-4**
(Sane 70, 84, Ewerton 80 ö.d., Lewandowski 82)

**M. ÝUNAÝTED — ATALANTA: 3-2**
(Reşford 53, Maguaýr 75, Ronaldo 81 — Paşaliç 15, Demiral 29)

**ÝANG BOÝZ — WILÝARREAL: 1–4**
(Elia 77 – Pino 6, Žerar Moreno 16, Moreno 88, Çukwueze 90+2)

**RB SALSBURG — WOLFSBURG: 3-1**
(Adeýemi 3, Okafor 65, 77 — Nmeça 15)

**LILL — SEWILÝA: 0-0**

**ZENIT — ÝUWENTUS: 0–1**
(Deýan Kuluşewski 86)

**ÇELSI — MALMÖ: 4–0**
(Kristiansen 9, Žoržinio 21 p, 57 p, Hawerts 48)

## Bir sözlemde...

2022-nji ýylyň 19-njy ýanwary-6-njy fewraly aralygynda Niderlandlaryň Amsterdam hem-de Groningen şäherlerinde geçiriljek 12-nji Ýewropa futzal çempionatynyň bijeleri çekilip, Niderlandlar, Ukraina, Portugaliýa, Belarus ýa-da Serbiýa «A» toparçada, Italiýa, Gazagystan, Sloweniýa, Finlýandiýa «B» toparçada, Russiýa, Polşa, Slowakiýa, Horwatiýa «C» toparçada, Ispaniýa, Gruziýa, Azerbaýjan, Bosniýa we Gersegowina «D» toparçada çykyş ederler.

Zenanlaryň arasyndaky Amerikanyň Milli basketbol ligasynyň (WNBA) finalynda 3 çempionlygy bolan «Finiks Merkuri» bilen «Çikago Skaý» toparlary duşuşyp, olaryň ikinjisi 4 duşuşykdan soň 3:1 öňe saýlandy we ilkinji gezek WNBA-nyň çempionlygyny gazandy.

Darts boýunça Professional dartsçylar korporasiýasynyň guramaçylygynda Awstriýanyň Salsburg şäherinde geçirilen 4-nji Ýewropa çempionatynda angliýaly Robb Kross 2-nji gezek çempionlyk gazanyp, ol finalda niderland Maýkl wan Gerwenden 11:8 hasabynda üstün çykdy.

Kriket boýunça Hindistanyň «Premier Ligasynyň» finalynda «Çennaý Super Kings» topary bilen «Kolkata Naýt Faýters» topary duşuşyp, Dubaýda geçirilen duşuşykda olaryň birinjisi 27 ran öňe saýlandy we 4-nji gezek kubogy eýelemegi başardy.

## AFK Çempionlar Ligasynyň hem-de AFK Kubogy ýaryşynyň finalçylary belli boldy

AFK Çempionlar Ligasynyň finalçylary belli boldy. Ýarym finalda iki arap we iki koreý kluby özara duşuşdy. Saud Arabystanynyň iki kluby – «Al-Nassr» bilen «Al-Hilalyň» arasyndaky oýun 2-1 hasabynda tamamlanyp, «Al-Hilal» Marega we Al-Dawsariniň gollary bilen ýeňiş gazandy. «Al-Nassryň» ýeke-täk goluny Taliska derwezä girizdi.



Iki koreý klubunyň arasyndaky duşuşykda «Ulsan Hýundai» topary «Pohang Stilersden penaltileriň netijesinde asgyn geldi. Oýnuň 50-nji minutynda «Ulsan» topary Ýunuň goly bilen öňe saýlandy. 68-nji minutda bir oýunçysy gyzyl kart alan «Ulsan Hýundai» topary 89-njy minutda Grantyň goluna çäre tapyp bilmedi. Şeýlelikde, esasy we goşmaça wagty 1-1 gutaran oýnuň ahyrynda penalti urgularynda 5-4 öňe saýlanan «Pohang Stilers» finala çykmagy başardy.

«Al-Hilal» 8-nji, «Pohang Stilers» 4-nji gezek finala çykyp, olaryň birinjisi 1991-nji, 2000-nji, 2019-njy ýyllarda, ikinjisi bolsa 1997-nji, 1998-nji hem-de 2009-njy ýyllarda çempionlyk gazandy. «Al-Hilal» 1986-njy, 1987-nji, 2014-nji we 2017-nji ýyllarda finalda utuldy.

«Al-Hilal» bilen «Pohang Stilers» toparlarynyň arasyndaky final duşuşygy 23-nji noýabrda Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherindäki «Mrsool Park» stadionynda oýnalar.



Aziýanyň ikinji derejeli klub ýaryşy AFK-nyň Kubogy bäsleşiginiň finalynda çykyş etjek klublar belli boldy. Çekeleşikli geçen oýunda özbek kluby «Nasaf» öz meýdançasynda Gonkongyň «Li Man» toparyny goşmaça wagtda 3-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji ýarymda Resio (4 ö.d.) we Norçaýewiň (26) gollary bilen öňe saýlanan özbekler 2-nji ýarymda Gil (46) we Anheliň (64 p) gollaryna çäre tapyp bilmedi. Esasy wagty 2-2 deňlikde gutaran duşuşygyň goşmaça wagtynda, has takygy, 105+1-nji minutda Kaluderowiç tapawutlanyp, «Nasafa» ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şunlukda, 2011-nji ýylyň çempiony «Nasaf» 2-nji gezek finalda oýnar. Onuň finaldaky garşydaşy Bahreýniň «Al-Muharrak» topary bolup, olar ýarym finalda Kuweýtiň «Al-Kuwait» klubuny Al-Mardi (19) hem-de Kariokanyň (45+1) gollary bilen 2-0 ýeňdi. 3-nji gezek finala çykan Al-Muharrak» 2006-njy ýylda «Al-Faýsaliden» asgyn gelipdi. 2008-nji ýylda kubogy eýelän «Al-Muharrak» bilen «Nasafyň» arasyndaky final duşuşygy 5-nji noýabrda Bahreýniň Arad şäherindäki «Al-Muharrak» stadionynda oýnalar.

## NBA-nyň 75-nji möwsümi başlady

**Dünýä basketbolynyň iň uly, iň şowhunly guramaçylygy hasaplanýan Amerikanyň Milli Basketbol Ligasynyň, ýagny NBA-nyň täze möwsümine badalga berildi. 75-nji möwsümiň açylyş duşuşygynda çempion «Milwaki Baks» bilen «Bruklin Nets» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda çempion 127:104 hasabynda üstün çykyp, täze möwsüme ýeňiş bilen başlady. Duşuşykda geçen möwsümiň ýyldyzy Ýannis Antetokunmpo 20 utuk, 9 ribaundlyk netijeler bilen çykyş etdi. Şeýle-de Kaliforniýa derbisinde «Los Anjeles Leýkers» öz meýdançasynda «Golden Steýt Warriors» bilen duşuşdy. 6 oýunçynyň iki sifrli görkezijiler bilen çykyş eden duşuşygynda «Golden Steýt Warriors» 121:114 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda Stefan Körri 21 utuk, 10 ribaund, 10 asistlik görkezijiler bilen «triple-double» netije görkezip, toparynyň ýeňiş gazanmagynda esasy roly oýnady. «Leýkersiň» ýyldyzlary LeBron Jeýmsiň 34 utugy, Antoni Dewisiň 33 utugy ýeňlişiň öňüni almak üçin ýeterlik bolmady.**

**Täze möwsümiň öňüsyrasynda çempionlygyň iň esasy dalaşgärleri hökmünde häzirki çempion «Milwaki Baks», «Los Anjeles Leýkers», «Bruklin Nets», «Finiks Sans» hem-de «Golden Steýt Warriors» toparlary hasaplanýar. 1946-njy ýylda esaslandyrylan NBA-nyň ýubileý möwsüminde adaty möwsüm 10-njy aprelde tamamlanar. 12-15-nji aprel aralygynda «Play-In» tapgyry geçiriler. 16-njy aprelde başlanjak «Play-Off» tapgyry iýun aýyna çenli dowam eder. Iýun aýynyň 2-sinden 19-yna çenli aralykda-da NBA-nyň final oýunlary oýnalar.**



## «Masters» ýaryşynyň täze ýeňijileri



«Indian Wells Masters» tennis ýaryşynda täze çempionlar ýüze çykdy. ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynda erkekleriň arasynda 47-nji gezek geçirilen ýaryşyň finalynda britaniýaly Kameron Norri bilen gruziýaly Nikoloz Basilaşwili duşuşdy. 1-nji setde gruzin tennisçisi 6:3 öňe saýlansa-da, 2-3-nji setlerde 6:4 we 6:1 hasaplar bilen üstün çykan 26 ýaşyndaky Norri karýerasyndaky 2-nji ATP çempionlygyny gazandy. Ol mundan öň şu ýylyň iýul aýynda Meksikada çempion bolupdy.

32-nji gezek geçirilen zenanlaryň arasyndaky ýaryşyň finalynda garaşylmadyk tennisçi çempionlyk gazandy. Finalda belarusly Wiktoriýa Azarenkadan üstün çykan ispaniýaly Paula Badosa ýeňiji boldy. Ol 1-nji setde 7:6 öňe saýlandy. 2-nji setde Azarenka 6:2 üstün çykyp, hasaby deňledi. Final setinde bolsa ýeňijini taýbrek kesgitläp, Badosa ýene-de 7:6 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Bu ýeňiş 23 ýaşyndaky tennisçiniň karýerasyndaky 2-nji çempionlygy bolup, ol şu ýylyň maýynda «Belgrad Açyk» tennis ýaryşynda ilkinji kubogyny asmana göteripdi.

«Indian Wells Masters» ýaryşy «Masters» (Ussatlar) bäsleşikleriniň ilkinjisi bolup, pandemiýa sebäpli şu möwsümde beýleki «Masters» ýaryşlarynyň altysyndan soň geçirildi.

## Çempion soňky ýaryşda belli bolar

Dünýä Ralli çempionatynyň (WRC) 11-nji ýaryşy Ispaniýanyň Kataloniýa sebitindäki Salou şäherçesinde geçirilip, 17 tapgyrdan ybarat bolan bäsleşikde «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill öňe saýlandy. Ol 280,46 kilometr aralygy 2 sagat 34 minut 11,8 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 15-nji ýeňşini gazandy.

Çempionlyk ugrunda ýiti göreş alyp barýan «Toyota Gazoo» toparynyň britaniýaly piloty Elfin Ewans ýeňijiden 24,1 sekunt yza galyp, ikinji ýeri eýeledi. Ispaniýaly Dani Sordo topardaşy Noýwillden 35,3 sekunt soň pellehana gelip, münberiň üçünji basgançagyna çykdy. Sanawyň lideri Sebastian Ožie 4-nji orun bilen kanagatlanmaly boldy.

Möwsümiň tamamlanmagyna bir ýaryş galanda Ožie 204 utuk bilen birinji orunda barýar. Ondan 17 utugy az Ewans 2-nji ýeri eýeleýär. Üçünji basgançakdaky Noýwilliň



159 utugy bar. Möwsümiň iň soňky ýaryşy 18–21-nji noýabr aralygynda Italiýanyň Monza şäherçesinde geçiriler. Bu ýaryşda Ožieniň çempionlyk gazanmagy üçin 5-nji orny eýelemegi ýeterlik bolar.

## DERBILER TAPGYRY

Futbolyň iň ösen yklymy Ýewropa futbolynda milli çempionatlarda her hepde diýen ýaly güýçli klublaryň özara duşuşygyna gabat gelmek bolýar. Wagtal-wagtal bolsa her çempionatyň derbileri, esasy duşuşyklary bir günde jemlenip, futbol janköýerleri ýatdan çykmajak futbol baýramçylygyny başdan geçirýärler. Ine, şeýle futbol baýramçylygynyň boljak günleriniň biri-de 24-nji oktýabr bolup, şol gün biri-birinden gyzykly, dartgynly derbiler, köne bäsdeşleriň duşuşyklary janköýerlere garaşýar. Derbileriň arasynda «El Clasico» hem bolup, iň köp üns merkezdäki duşuşyk «Mançester Ýunaýted» bilen «Liwerpulyň» arasyndaky oýun hasaplanýar.

***22-nji oktýabr:*** **Arsenal–Aston Willa** (00:00);
***23-nji oktýabr:*** **Bawariýa–Hoffenhaým** (18:30), **Bolonýa–Milan** (23:45);
***24-nji oktýabr:*** **Nissa–Lion** (16:00), **West Ham–Tottenham** (18:00), **Barselona–Real Madrid** (19:15), **Aýaks–PSW** (19:45), **M. Ýunaýted–Liwerpul** (20:30), **Roma–Napoli** (21:00), **Inter–Ýuwentus** (23:45), **Marsel–PSŽ** (23:45), **Atletiko–R. Sosiedad** (00:00);
***25-nji oktýabr:*** **Lokomotiw–Soçi** (21:00), **Beşiktaş–Galatasaraý** (22:00).

### PREMIER LEAGUE (8) — 30 gol

**Watford—Liwerpul: 0–5** (Mane 9, Firmino 37, 52, 90+1, Salah 54), **A. Willa—Wulwerhempton: 2–3** (Ingz 48, Makginn 69—Saýss 80, Kodi 86, Neweş 90+5), **Lester—M. Ýunaýted: 4–2** (Tilemans 31, Söýünjü 78, Wardi 83, Daka 90+1 — Grinwud 19, Reşford 82), **M. Sit—Býornli: 2–0** (B. Silwa 12, De Bruýne 70), **Norwiç—Braýton: 0-0, Southempton—Lids: 1–0** (Broýa 53), **Brentford—Çelsi: 0–1 (Çilwell 45), Ewerton—West Ham: 0–1** (Ogbonna 74), **Nýukasl—Tottenham: 2–3** (Wilson 2, Daýer 89 ö.d. — Ndombele 17, Keýn 22, Son 45+4), **Arsenal—K. Palas: 2–2** (Obameýang 8, Lakazett 90+5 — Benteke 50, Eduar 73)

### LA LIGA (9) — 15 gol

**Lewante—Hetafe: 0–0, Real Sosiedad—Malýorka: 1–0** (Lobete 90), **Raýo Wallekano—Elçe: 2–1** (Hernandes 26, Nteka 65 — Boýe 14), **Selta—Sewilýa: 0–1 (Rafa Mir 54), Wilýarreal—Osasuna: 1–2** (Žerar Moreno 55 — Torro 26, Awila 87), **Barselona—Walensiýa: 3–1** (Fati 13, Depaý 41 p, Koutinio 85 — Gaýa 5), **Alawes—Betis: 0–1** (Iglesias 89), **Espanýol—Kadiz: 2–0** (De Tomas 45+1, Melamed 65), **Granada—Atletiko Madrid, Real Madrid—Atletik Bilbao** (soňa goýuldy)

### SERIE A (8) — 30 gol

**Spesiýa—Salernitana: 2–1** (Streles 51, Kowalenko 76 — Simi 39), **Lasio—Inter: 3–1** (Immobile 64 p, Anderson 81, Milinkowiç-Sawiç 90+1 — Perişiç 12 p), **Milan—Werona: 3–2** (Žiru 59, Kessie 76 p, Günter 78 ö.d. — Kaprari 7, Barak 24 p), **Kaliari—Sampdoriýa: 3–1** (Žoao Pedro 4, 90+4, Kasares 74 — Torsbýu 82), **Jenoa—Sassuolo: 2–2** (Destro 27, Waskes 90 — Skamakka 17, 20), **Udineze—Bolonýa: 1–1** (Beto 82 — Berrow 67), **Empoli—Atalanta: 1–4** (Di Françesko 30 — Iliçiç 11, 26, Witi 49 ö.d., Zapata 89), **Napoli—Torino: 1–0** (Osimhen 81), **Ýuwentus—Roma: 1–0** (Ken 16), **Wenesiýa—Fiorentina: 1–0** (Aramu 36)

### LIGUE 1 (10) — 26 gol

**PSŽ—Anže: 2–1** (Pereýra 69, Mbappe 87 p — Fýulžini 36), **Klermon—Lill: 1–0** (Nsimba 32), **Lion—Monako: 2–0** (Toko-Ekambi 74 p, Denaýer 90), **Trua—Nissa: 1–0** (Balde 4), **Bordo—Nant: 1–1** (Uý Žo Hwan 62 — Çirwelýa 75), **Brest—Reýms: 1–1** (Onora 74 — Fas 12), **Mets—Renn: 0–3** (Lýabord 24, Sulemana 37, Terrie 45), **Strasbur—Sent-Etien: 5–1** (Le Marşan 26, Ýussuf 38 ö.d., Gameýro 69, Ažork 73, Diallo 85 — Hazri 45+5 p), **Monpelie—Lans: 1–0** (Mawididi 47), **Marsel—Loriýan: 4–1** (Kamara 27, Genduzi 56, 90+2, Milik 85 — Loriýan 13 p)

### BUNDESLIGA (8) — 27 gol

**Hoffenhaým—Köln: 5–0** (Bebu 31, 49, Baumgartner 51, Gaýger 74, Poş 87), **Aýntraht—Herta: 1–2** (Pasensiýa 78 p — Rihter 7, Ekkelankamp 63), **Borussiýa D—Maýns: 3–1** (Roýs 3, Holann 54 p, 90+4 — Burkardt 87), **Groýter Fürt—Bohum: 0–1** (Losilýa 80), **Union Berlin—Wolfsburg: 2–0** (Awoni 49, Bekker 83), **Fraýburg—Leipsig: 1–1** (U Ýon Çon 64 — Forsberg 32 p), **Borussiýa M—Ştutgart: 1–1** (Hofmann 43 — Mawropanos 15), **Baýer—Bawariýa: 1–5** (Şik 55 — Lewandowski 4, 30, Müller 34, Gnabri 35, 37), **Augsburg—Arminiýa: 1–1** (Oksford 19 — Laursen 77)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÇELSI | 8 | 6 | 1 | 1 | 16-3 | 19 |
| 2 | LIWERPUL | 8 | 5 | 3 | 0 | 22-6 | 18 |
| 3 | MAN. SITI | 8 | 5 | 2 | 1 | 16-3 | 17 |
| 4 | BRAÝTON | 8 | 4 | 3 | 1 | 8-5 | 15 |
| 5 | TOTTENHAM | 8 | 5 | 0 | 3 | 9-12 | 15 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-10 | 14 |
| 7 | WEST HAM | 8 | 4 | 2 | 2 | 15-10 | 14 |
| 8 | EWERTON | 8 | 4 | 2 | 2 | 13-9 | 14 |
| 9 | BRENTFORD | 8 | 3 | 3 | 2 | 10-7 | 12 |
| 10 | W. HEMPTON | 8 | 4 | 0 | 4 | 8-8 | 12 |
| 11 | LESTER | 8 | 3 | 2 | 3 | 13-14 | 11 |
| 12 | ARSENAL | 8 | 3 | 2 | 3 | 7-12 | 11 |
| 13 | ASTON WILLA | 8 | 3 | 1 | 4 | 12-12 | 10 |
| 14 | K. PALAS | 8 | 1 | 5 | 2 | 10-13 | 8 |
| 15 | SOUTHEMPTON | 8 | 1 | 4 | 3 | 6-10 | 7 |
| 16 | WATFORD | 8 | 2 | 1 | 5 | 7-15 | 7 |
| 17 | LIDS | 8 | 1 | 3 | 4 | 7-15 | 6 |
| 18 | BÝORNLI | 8 | 0 | 3 | 5 | 5-13 | 3 |
| 19 | NÝUKASL | 8 | 0 | 3 | 5 | 10-19 | 3 |
| 20 | NORWIÇ | 8 | 0 | 2 | 6 | 2-16 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jeými WARDI (Lester) | 7 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul | 7 |
| 3 | Maýkl ANTONIO (West Ham) | 5 |
| 4 | Sadio MANE (Liwerpul) | 5 |
| 5 | Nil MOPE (Braýton) | 4 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | R. SOSIEDAD | 9 | 6 | 2 | 1 | 12-7 | 20 |
| 2 | REAL MADRID | 8 | 5 | 2 | 1 | 22-10 | 17 |
| 3 | SEWILÝA | 8 | 5 | 2 | 1 | 11-3 | 17 |
| 4 | ATLETIKO | 8 | 5 | 2 | 1 | 11-6 | 17 |
| 5 | OSASUNA | 9 | 5 | 2 | 2 | 13-12 | 17 |
| 6 | R. WALLEKANKO | 9 | 5 | 1 | 3 | 15-9 | 16 |
| 7 | BARSELONA | 8 | 4 | 3 | 1 | 14-8 | 15 |
| 8 | BETIS | 9 | 4 | 3 | 2 | 12-9 | 15 |
| 9 | ATLETIK B | 8 | 3 | 4 | 1 | 7-4 | 13 |
| 10 | WALENSIÝA | 9 | 3 | 3 | 3 | 13-11 | 12 |
| 11 | ESPANÝOL | 9 | 3 | 3 | 3 | 8-8 | 12 |
| 12 | WILÝARREAL | 8 | 2 | 5 | 1 | 9-5 | 11 |
| 13 | MALÝORKA | 9 | 3 | 2 | 4 | 7-13 | 11 |
| 14 | ELÇE | 9 | 2 | 3 | 4 | 6-10 | 9 |
| 15 | KADIZ | 9 | 1 | 4 | 4 | 7-13 | 7 |
| 16 | SELTA | 9 | 2 | 1 | 6 | 7-12 | 7 |
| 17 | GRANADA | 8 | 1 | 3 | 4 | 6-12 | 6 |
| 18 | LEWANTE | 9 | 0 | 5 | 4 | 6-13 | 5 |
| 19 | ALAWES | 8 | 1 | 0 | 7 | 2-13 | 3 |
| 20 | HETAFE | 9 | 0 | 2 | 7 | 3-13 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 9 |
| 2 | Mikel OÝARZABAL (R. Sosiedad) | 6 |
| 3 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 5 |
| 4 | Luiz SUARES (Atletiko) | 4 |
| 5 | Arno GRUNEWELD (Wilýarreal) | 4 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 8 | 8 | 0 | 0 | 19-3 | 24 |
| 2 | MILAN | 8 | 7 | 1 | 0 | 18-7 | 22 |
| 3 | INTER | 8 | 5 | 2 | 1 | 23-11 | 17 |
| 4 | ROMA | 8 | 5 | 0 | 3 | 16-9 | 15 |
| 5 | LASIO | 8 | 4 | 2 | 2 | 18-13 | 14 |
| 6 | ATALANTA | 8 | 4 | 2 | 2 | 14-10 | 14 |
| 7 | ÝUWENTUS | 8 | 4 | 2 | 2 | 12-10 | 14 |
| 8 | BOLONÝA | 8 | 3 | 3 | 2 | 13-15 | 12 |
| 9 | FIORENTINA | 8 | 4 | 0 | 4 | 10-12 | 12 |
| 10 | UDINEZE | 8 | 2 | 3 | 3 | 10-12 | 9 |
| 11 | EMPOLI | 8 | 3 | 0 | 5 | 10-16 | 9 |
| 12 | TORINO | 8 | 2 | 2 | 4 | 9-8 | 8 |
| 13 | WERONA | 8 | 2 | 2 | 4 | 17-17 | 8 |
| 14 | SASSUOLO | 8 | 2 | 2 | 4 | 9-11 | 8 |
| 15 | WENESIÝA | 8 | 2 | 2 | 4 | 6-12 | 8 |
| 16 | SPESIÝA | 8 | 2 | 1 | 5 | 10-20 | 7 |
| 17 | SAMPDORIÝA | 8 | 1 | 3 | 4 | 11-16 | 6 |
| 18 | JENOA | 8 | 1 | 3 | 4 | 12-18 | 6 |
| 19 | KALIARI | 8 | 1 | 3 | 4 | 11-17 | 6 |
| 20 | SALERNITANA | 8 | 1 | 1 | 6 | 6-17 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Çiro IMMOBILE (Lasio) | 7 |
| 2 | Edin JEKO (Inter) | 6 |
| 3 | Žoao PEDRO (Kaliari) | 6 |
| 4 | Mattia DESTRO (Jenoa) | 5 |
| 5 | Lautaro MARTINES (Inter) | 5 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 10 | 9 | 0 | 1 | 24-10 | 27 |
| 2 | LANS | 10 | 5 | 3 | 2 | 16-11 | 18 |
| 3 | NISSA | 9 | 5 | 2 | 2 | 17-5 | 17 |
| 4 | MARSEL | 9 | 5 | 2 | 2 | 18-11 | 17 |
| 5 | ANŽE | 10 | 4 | 4 | 2 | 15-11 | 16 |
| 6 | LION | 10 | 4 | 4 | 2 | 16-13 | 16 |
| 7 | RENN | 10 | 4 | 3 | 3 | 15-9 | 15 |
| 8 | STRASBUR | 10 | 4 | 2 | 4 | 18-15 | 14 |
| 9 | NANT | 10 | 4 | 2 | 4 | 14-11 | 14 |
| 10 | MONAKO | 10 | 4 | 2 | 4 | 14-13 | 14 |
| 11 | LILL | 10 | 4 | 2 | 4 | 13-15 | 14 |
| 12 | LORIÝAN | 10 | 3 | 5 | 2 | 11-13 | 14 |
| 13 | MONPELIE | 10 | 3 | 4 | 3 | 17-16 | 13 |
| 14 | KLERMON | 10 | 3 | 4 | 3 | 13-20 | 13 |
| 15 | REÝMS | 10 | 2 | 5 | 3 | 11-12 | 11 |
| 16 | TRUA | 10 | 2 | 3 | 5 | 9-14 | 9 |
| 17 | BORDO | 10 | 1 | 5 | 4 | 12-21 | 8 |
| 18 | METS | 10 | 1 | 3 | 6 | 11-22 | 6 |
| 19 | BREST | 10 | 0 | 5 | 5 | 11-19 | 5 |
| 20 | SENT-ETIEN | 10 | 0 | 4 | 6 | 9-23 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Gaetan LÝABORD (Renn) | 7 |
| 2 | Mohamed BAÝO (Klermon) | 6 |
| 3 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 6 |
| 4 | Jonatan DEWID (Lill) | 6 |
| 5 | Dimitri PAÝET (Marsel) | 5 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 8 | 6 | 1 | 1 | 29-8 | 19 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 8 | 6 | 0 | 2 | 22-14 | 18 |
| 3 | BAÝER | 8 | 5 | 1 | 2 | 21-12 | 16 |
| 4 | FRAÝBURG | 8 | 4 | 4 | 0 | 12--6 | 16 |
| 5 | UNION BERLIN | 8 | 4 | 3 | 1 | 12--9 | 15 |
| 6 | WOLFSBURG | 8 | 4 | 1 | 3 | 9--10 | 13 |
| 7 | KÖLN | 8 | 3 | 3 | 2 | 13-14 | 12 |
| 8 | LEIPSIG | 8 | 3 | 2 | 3 | 16-8 | 11 |
| 9 | HOFFENHAÝM | 8 | 3 | 2 | 3 | 17-11 | 11 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 8 | 3 | 2 | 3 | 10--11 | 11 |
| 11 | MAÝNS | 8 | 3 | 1 | 4 | 8--8 | 10 |
| 12 | ŞTUTGART | 8 | 2 | 3 | 3 | 13-14 | 9 |
| 13 | HERTA | 8 | 3 | 0 | 5 | 10--21 | 9 |
| 14 | AÝNTRAHT | 8 | 1 | 5 | 2 | 9--12 | 8 |
| 15 | BOHUM | 8 | 2 | 1 | 5 | 5--16 | 7 |
| 16 | AUGSBURG | 8 | 1 | 3 | 4 | 4--14 | 6 |
| 17 | ARMINIÝA | 8 | 0 | 5 | 3 | 4--11 | 5 |
| 18 | GROÝTER FÜRT | 8 | 0 | 1 | 7 | 5--20 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Elring HOLANN (Borussiýa D) | 9 |
| 2 | Robert LEWANDOWSKI (Bawariýa) | 9 |
| 3 | Patrik ŞIK (Baýer) | 7 |
| 4 | Taýwo AWONI (Union Berlin) | 6 |
| 5 | Serž GNABRI (Bawariýa) | 5 |

## Sadio Mane «Premier Ligada» 3-nji futbolçy

### 29 OÝUNDAN SOŇ ÝEŇILDI

Angliýanyň «Premier Ligasynda» «Liwerpul» myhmançylykda «Watford» toparyny Mane (9), Firmino (37, 52, 90+1) hem-de Salahyň (54) gollary bilen 5–0 ýeňdi. Duşuşykda 1 gol geçiren



Sadio Maneniň «Premier Ligada» geçiren gollarynyň sany 100-e ýetdi. Ol «Premier Ligada» muny başaran 3-nji afrikaly futbolçy boldy. Ondan öňde 104 golly Didie Drogba bilen topardaşy Mohamed Salah bar. Şol sanda, Mane «Premier Ligada» 100 gol geçiren 31-nji oýunçy boldy. Mane şol 100 goluň hiç birini-de penaltiden geçirmedi. Ol «Premier Ligada» 100 we 100-den köp goly penaltisiz geçiren 3-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. Ondan öňde 149 gol geçiren Les Ferdinand bilen 110 gol geçiren Emil Heski bar. Şeýle-de, «Mançester Ýunaýted» myhmançylykda «Lester Siti» bilen duşuşyp, soňky minutlarda geçirden gollary esasynda 4–2 asgyn geldi. «Mançester Ýunaýted» «Premier Liganyň» çäginde 29 oýundan (rekorda deň) soň myhmançylykda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy.

### 7 MINUTDA 4 GOL

Germaniýanyň çempionatynda sanawyň 1–2-nji orunlaryndaky toparlaryň duşuşygynda «Bawariýa» myhmançylykda «Baýeri» 5–1 hasabynda ýeňdi. 4-nji minutda Lewandowskiniň goly bilen öňe saýlanan «Bawariýa» 1-nji ýarym tamamlanmanka 7 minutda 4 gol geçirdi. Ýagny 30-njy minutda ýene-de Lewandowski, 34-nji minutda Müller, 35-nji we 37-nji minutlarda Serž Gnabri münhenlilere uly hasaply ýeňiş getirdi. Şeýlelikde, «Bawariýa» 8 oýunda 29 gol geçirip, bu ugurda öz rekordyny gaýtalady. «Bundesliganyň» 8-nji tapgyrynda «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Maýnsy» 3–1 ýeňdi. Oýunda Holann (2) bilen Roýs tapawutlandy. Öz meýdançasynda «Leipsig» bilen 1–1 deňme-deň oýnan «Fraýburgyň» ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär.

### «NAPOLI» UTUK ÝITIRENOK

Italiýanyň çempionatynda «Napoli» bilen «Milan» ýeňiş gazanmakda kynçylyk çekselerem, häzirlikçe ýeňlişsiz ýoluny dowam etdirýärler. Öz meýdançasynda «Torinony» Osimheniň 81-nji minutdaky goly bilen ýeňen «Napoli» Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynda utuk ýitirmedik ýeke-täk klubdur. «San Siroda» «Weronany» kabul eden «Milan» garşydaşlarynyň 1-nji ýarymda 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 2-nji ýarymda 3 gol geçirip, ýeňşini baýram etdi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Ýuwentus» Moýsa Keniň goly bilen «Romany» 1–0 ýeňdi. «Lasio» bolsa öz meýdançasynda soňky minutlarda geçiren gollary bilen «Interi» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Inter» şu möwsümde ilkinji sapar utuldy.

Ispaniýanyň çempionatynda «Barselona» öz meýdançasynda «Walensiýany» 3–1 hasabynda ýeňdi. 5-nji minutda Gaýanyň goly bilen öňe geçen «Walensiýanyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Fati (13), Depaý (41 p) hem-de Koutinio (85) geçirdi. «Granada»–«Atletiko», «Real Madrid»–«Atletik» duşuşyklary soňa goýlup, «Sewilýa» myhmançylykda «Seltany» Rafa Miriň (54) goly bilen 1–0 ýeňdi. «Malýorkany» Lobeteniň 90-njy minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňen «Real Sosiedad» sanawda 1-nji orna beýgeldi.



Fransiýanyň çempionatynda PSŽ öz meýdançasynda «Anženi» kabul edip, kynlyk bilen ýeňdi. Myhmanlaryň ilkinji bolup hasaby açan duşuşygynda parižlilere ýeňiş getiren gollary Pereýra bilen Mbappe derwezä girizdi. «Lionyň» «Monakony» 2–0 ýeňen tapgyrynda «Marsel» öz meýdançasynda «Loriýany» 4–1 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi.

## HORMATLY ILDEŞLER!



### Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky «Maşgala» bank kartynyň hyzmatyny hödürleýär

**«Maşgala»** bank karty maşgalanyň islendik agzalaryna – mekdep okuwçylaryna, talyplara, öý hojalykçy zenanlara, ýaşululara we beýlekilere gündelik ulanmaga mümkinçilik berýär. Bank karty esasy göz öňünde tutulan «Altyn asyr» bank kartyna birikdirilýar.

**«Maşgala»** bank kartynyň üsti bilen aşakdaky amatlyklardan peýdalanyp bilersiňiz:

- hyzmatlaryň dürli görnüşleri ýa-da satyn alnan harytlar üçin nagt däl görnüşinde hasaplaşyklary geçirmek;
- alnan karz serişdeleriniň esasy bergisini we oňa hasaplanan göterimleri bankomatlaryň üsti bilen töleg etmek;
- Internet hyzmatlarynyň mümkin bolan islendik ýerinden kompýuter enjamlarynyň ýa-da öýjükli telefonlaryň üsti bilen özüniň kart hasaby boýunça «internet-bank» hyzmatlaryndan peýdalanyp, tiz we amatly nagt däl hasaplaşyklary geçirmek;
- SMS arkaly bank kartynyň hasabyndaky hereketler barada maglumat almak;
- bankomatlardan we terminallardan nagt pul almak;
- müşderi islegine görä, arzasy boýunça ýa-da «Internet-bank» hyzmaty arkaly bank kartynyň hepdelik sarp edilјek pul mukdarynyň möçberini kesgitläp biler;
- bank kartynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde öý we öýjükli aragatnaşyk TM CELL, CDMA, internet, IP-telewideniýe we saglyk ätiýaçlandyryş tölegini geçirmek hem-de Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugy tarapyndan awtoulaglaryň sürüjilerine bellenilýän jerimeleriň töleglerini tölemek ýaly hyzmatlardan hem peýdalanyp bilerler.

**«Maşgala»** bank kartyny açmak üçin Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň baş edarasyna hem-de şahamçalaryna ýüz tutup bilersiňiz.

## Siziň geljegiňiz biziň bilen!

***Biziň salgymyz: Aşgabat şäheriniň Çandybil şaýolunyň 129-njy jaýy.***
***Telefon belgisi: (993)(12) 44-59-61.***

***«Dostluk» şahamçasy: Aşgabat şäheriniň 1972-nji (Atatürk) köçesiniň 69-njy jaýy.***
***Telefon belgileri: (993)(12) 48-64-20/21.***

***«Galkynyş» şahamçasy: Aşgabat şäheriniň S.Türkmenbaşy şaýolunyň 126-njy jaýy.***
***Telefon belgisi: (993)(12) 46-87-34.***

## Государственный банк внешнеэкономической деятельности Туркменистана

На основании постановления Президента Туркменистана 942 от 12 октября 2018 года, «О финансовой поддержке производителей сельскохозяйственной продукции»
**предлагает Вам следующие льготные кредиты:**

**Кредиты под 1% годовых сроком до 10 лет**

• на приобретение сельскохозяйственной техники, механизмов и инструментов, а также экскаваторов и бульдозеров, используемых в сельском и водном хозяйстве, водосберегающей техники, оборудования, поливных водопроводов

**Кредиты под 5% годовых сроком до 10 лет**

• для финансирования инвестиционных проектов, связанных с развитием животноводства и птицеводства, производством и переработкой сельхозпродукции и выполнением услуг.

## Развивайте свой бизнес в партнерстве с Внешэкономбанком Туркменистана!

Адрес: г. Ашгабад, пр. Гарашсызлык, 32
Телефоны для справок: 40-64-14, 40-64-16, 40-64-17, 40-64-18, 40-64-19, 40-64-20, 40-64-21, 40-64-27, 40-64-28, 40-64-29, 40-64-30, 40-64-31
круглосуточно: 40-60-08
www.tfeb.gov.tm

## «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky Size «Hoş geldiňiz!» diýýär we bankymyzyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga çagyrýar.

*Bankymyz tarapyndan amala aşyrylýan hyzmatlar Siziň ähli soraglaryňyzy we islegleriňizi hili boýunça-da, göwrümi boýunça-da kanagatlandyrar diýip umyt edýäris. Biziň hyzmatlarymyz üçin bellenilen nyrhlar bolsa özüniň elýeterliligi we ýönekeýligi bilen Siziň bankymyza bolan ynamyňyzy has-da berkider.*

• Siz biziň bankymyzda hasap açyp, öz işjeňligiňiz üçin maliýe gurallaryň amatly görnüşlerini edinýärsiňiz, olar Siziň hasaplaşyklaryňyzy çaltlandyrar, töwekgelçilikleriňizi peselder we bank hyzmatlary üçin çykdajylaryňyzy azaldar.

• Şu günki gün her bir müşderä aýratyn hyzmat etmek şertlerinde, bank hyzmatlarynyň giň göwrümini Size teklip etmeklige biz taýýar. «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky özüniň plastik kartlaryny çykarýar. Kepillendirmek amallaryny ulanmaklyk eksportçylara we importçylara özleriniň mümkin boljak töwekgelçiliklerini ep-esli peseltmeklige, şeýle-de taraplaryň her biriniň aňryçäk bähbitlerini göz öňünde tutmaklyga şert döredýär.

• Diňe müşderi bilen bankyň arasyndaky gatnaşykda döreýän ygtybarlylyk we durnuklylyk öňde goýlan maksatlara ýetirýär.

***«Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky – Biz geljegi Siziň bilen döredýäris.***

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
96-46-96.
Faks: 26-38-24.

### Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Maşgala» bank karty atly bank hyzmatyny hödürleýär

«Maşgala» bank karty müşderiniň «Altyn Asyr» bank kartynyň hasabynda bar bolan serişdelerden peýdalanmaga mümkinçilik berip, maşgala agzalaryna, şol sanda hem 7 ýaşdan uly çagalaryna:

- ýurdumyzyň çäginde başga şähere dynç almaga we syýahatçylyk maksatlary bilen gidenlerinde pul serişdeleri bilen üpjün etmek üçin;
- çagalara we talyplara gerekli okuw esbaplaryny we beýleki harytlary satyn almak üçin;
- maşgala agzalaryna gündelik çykdajylaryny tölemek üçin hem-de nagt däl hasaplaşyklaryň, «Internet bank» we «Mobil bank» hyzmatlarynyň hödürleýän dürli amatlyklaryndan, şol sanda gije-gündiz tertibinde bank kartynyň galyndysyny bilmek, karzlaryň göterimini we esasy bergisini tölemek, telefon, öýjükli telefon, IP telewideniýäniň we internetiň hasabyny doldurmak ýaly amallardan peýdalanmak üçin şert döredýär.

«Maşgala» bank kartlaryny ulanmak her bir raýat üçin amatlydyr we ygtybarlydyr!

«Maşgala» bank kartyny açmak üçin «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasyna ýa-da şahamçalaryna ýüz tutup bilersiňiz.



**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi: 44-03-04**
**Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi saýtynda görkezilen. www.tnbk.tm**



**ABRAÝLY MEBEL**

**Biziň salgymyz:**
Aşgabat şäheriniň G.Kulyýew köçesiniň 84-nji jaýy, «Abraýly Mebel» söwda binasy.

(+993 63) 24 11 15
(+993 63) 29 11 15
(+993 65) 58 26 96
(+993 65) 56 32 91
www.abraylymebel.com

S/B: 102211002997